# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
**– HOŞNIÝETLI ARZUW-UMYTLAR BILEN GARŞY ALÝAN TÄZE ÝYLYMYZ HEM ULY ROWAÇLYKLARYŇ, TÄZE ÜSTÜNLIKLERIŇ ÝYLY BOLAR. BU BELENT SEPGITLERE ÝETMEKDE HALKYMYZYŇ GUJUR-GAÝRATYNA, TUTANÝERLI ZÄHMETINE BIL BAGLAÝARYS.**

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
3-nji ýanwar, 2025. Belgisi 1/1619

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWYŇ TÜRKMEN HALKYNA TÄZE ÝYL GUTLAGY



***Eziz watandaşlar!***

2024-nji ýyl – «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly tamamlanyp barýar. Ýene az salymdan täze – 2025-nji ýyly garşylarys. 2025-nji ýyl – Gündogar müçenamasy boýunça ýylan ýyly.

Tamamlanyp barýan ýyl Garaşsyz Watanymyzyň täze taryhynda halkymyzyň durmuşyny üstünliklere beslän ýyllaryň biri boldy. Bu ýyl türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň döwletli tutumlary, taryhy başlangyçlary has-da rowaçlandy.

Diýarymyzyň ähli ýerlerinde döwrebap mekdepler, çagalar baglary, saglygy goraýyş, sport desgalary, medeniýet edaralary, önümçilik binalary, başga-da köp sanly desgalar ulanmaga berildi. Bagtyýar maşgalalaryň müňlerçesi täze jaýly bolmak bagtyna eýe boldular. Ýurdumyzyň ähli pudaklarynda uly üstünlikler gazanyldy.

Ýangyç-energetika toplumyna degişli iri taslamalar durmuşa geçirildi. Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň esasy tapgyry bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat gaz geçirijisiniň gurluşygyna badalga berildi. Şeýle hem energetika, ulag-aragatnaşyk pudaklaryna degişli birnäçe iri desgalaryň açylyş we gurluşygyna badalga bermek dabaralary geçirildi.

Ahal we Lebap welaýatlarynda Bäherden hem-de Lebap sement zawodlarynyň ikinji tapgyry, Balkan – Daşoguz ugry boýunça ýokary woltly asma elektrik geçirijisi we elektrik beketleri işe girizildi. Döwrebap agyz suwuny arassalaýjy desgalar ulanmaga berildi. Köpetdagyň gözel künjeginde «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumy we akyldar şahyrymyzyň heýkeli dabaraly ýagdaýda açyldy. Berdimuhamet Annaýew adyndaky ýöriteleşdirilen harby mekdebiň täze binalar toplumynyň we beýleki desgalaryň açylmagy bilen, paýtagtymyzyň binagärlik keşbi has-da gözelleşdi.

Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygy dowam etdirildi. «Arkadag şäherini 2024 – 2052-nji ýyllarda ösdürmegiň Konsepsiýasy» kabul edildi. «Akylly» şäherimiz halkara sergilerde abraýly baýraklara mynasyp boldy. Ýurdumyzda döwrebap obalaryň, häzirki zaman ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy dowam etdirilýär. Bularyň ählisi berkarar Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny, belent ösüşlerimizi aýdyň görkezýär.

***Eziz watandaşlar!***

Oba hojalyk pudagynda geçirýän özgertmelerimiz hem rowaçlyklara beslenýär. Şu ýyl bereketli topragymyzda öndürilýän pagtanyň we bugdaýyň döwlet satyn alyş nyrhlary ýokarlandyryldy. Edermen daýhanlarymyz Watan harmanyna 1 million 400 müň tonnadan gowrak ýokary hilli bugdaý tabşyryp, şertnamalaýyn borçnamany üstünlikli ýerine ýetirdiler. Ýygnalan bol galla hasyly mähriban halkymyzyň, berkarar Watanymyzyň baýlygydyr, saçaklarymyzyň rysgal-berekedidir. Geljekde hem oba zähmetkeşlerini ykdysady taýdan höweslendirmek, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek boýunça netijeli çäreleri durmuşa geçireris.

Ýurdumyzyň nebitgaz, ulag-aragatnaşyk we söwda-telekeçilik pudaklarynda hem köp işler amala aşyrylýar. Bu pudaklar berkarar döwletimiziň gazanýan ösüşlerine mynasyp goşant goşýarlar.

***Eziz watandaşlar!***

Halkymyzyň saglygy, abadan we bagtyýar durmuşy biziň alyp barýan döwlet syýasatymyzyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Ýurdumyzda Halkara fiziologiýa ylmy-kliniki we Halkara sagaldyş dikeldiş merkezleri, saglygy goraýyş maksatly beýleki desgalar ulanmaga berildi. Ynsan saglygyny goramak boýunça alyp barýan işlerimiz geljekde-de döwletimiziň üns merkezinde bolar.

Ylym we bilim ulgamlarynda hem netijeli özgertmeler durmuşa geçirildi. Geljekde hem ylymly-bilimli, watansöýüji nesilleri kemala getirmäge, ýaşlaryň başlangyçlaryny goldamaga uly üns bereris.

Ýaş nesillerimizi sport bilen meşgullanmaga giňden çekmek, ýurdumyzyň halkara sport abraýyny has-da belende götermek ugrunda uly işleri alyp barýarys. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnama kabul edildi. Aşgabat şäheri «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edildi. Bularyň ählisi ýurdumyzyň sporty, sport diplomatiýasyny ösdürmäge goşýan saldamly goşandynyň ýene-de bir ykrarnamasy boldy.

***Eziz watandaşlar!***

Şu ýyl Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Durmuş ösüşi boýunça komissiýasynyň 2025 – 2029-njy ýyllar üçin agzalygyna saýlanyldy. BMG-niň Baş Assambleýasynyň kabul eden Kararnamasy esasynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2025-nji ýyl – «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Şeýle hem Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy berkitmekde möhüm ähmiýeti bolan «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» hem-de «Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakyndaky Şertnama» atly Kararnamalar biragyzdan kabul edildi. Birleşen Milletler Guramasyna agza ýurtlaryň köpüsiniň bu başlangyçlarymyzy goldamagy biziň üçin uly abraýdyr. Munuň özi Türkmenistanyň öňe sürýän halkara başlangyçlarynyň umumadamzat bähbitlerine gönükdirilendigini, dünýä jemgyýetçiliginde giňden goldanylýandygyny ýene-de bir gezek aýdyň görkezdi.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forum ýokary derejede geçirildi. Bu halkara forum parahatçylyk söýüji döwlet hökmünde Türkmenistanyň abraýyny has-da belende göterdi. Beýik söz ussadynyň baý edebi mirasyny toplamakda, aýawly saklamakda, öwrenmekde we wagyz etmekde uly hyzmatlary bitiren ýurdumyzyň raýatlary hem-de daşary ýurtly raýatlar Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medaly hem-de ýadygärlik nyşany bilen sylaglanyldy.

2024-nji ýylda ýurdumyzyň Änew şäheri «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýen abraýly derejäni göterdi we halkara çäreleriň ençemesi geçirildi.

Milli medeniýetimizi ösdürmek, mirasymyzy gorap saklamak, wagyz etmek boýunça giň gerimli işleri alyp barýarys. Geçip barýan ýylda halkara derejede dürli medeni çäreler, Medeniýet günleri yzygiderli geçirildi. Arkadag şäherinde guralan Medeniýet hepdeligi medeniýetimizi, sungatymyzy baýlaşdyrmakda möhüm ähmiýete eýe boldy. Geljek ýyl Medeniýet hepdeligini Ahal welaýatynda ýokary derejede geçireris.

Umuman, geçip barýan 2024-nji ýyl uly zähmet üstünliklerine beslendi, berkarar Watanymyzyň şan-şöhraty has-da beýgeldi.

***Hormatly adamlar!***

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli, geljek ýylda ýurdumyzda hem-de dünýä döwletlerinde halkara çäreler giň gerim bilen geçiriler. Geljek ýylda örän möhüm taryhy senäni – Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk baýramyny hem ýokary derejede belläp geçeris. Biz bütin dünýäde parahatçylygy we ynanyşmagy pugtalandyrmak, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda alyp barýan işlerimizi mundan beýläk-de dowam etdireris.

***Eziz watandaşlar!***

Halkymyzyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen, täze ýylyň 1-nji ýanwaryndan zähmet haklaryny, pensiýalary, döwlet kömek pullaryny, talyp we diňleýji haklaryny ýene-de 10 göterim köpelderis.

Hoşniýetli arzuw-umytlar bilen garşy alýan täze ýylymyz hem uly rowaçlyklaryň, täze üstünlikleriň ýyly bolar. Bu belent sepgitlere ýetmekde halkymyzyň gujur-gaýratyna, tutanýerli zähmetine bil baglaýarys. Merdana halkymyz bilen geljek ýylda-da eziz Watanymyzy bagtyýarlygyň we rowaçlygyň mekanyna öwürmek ugrunda yhlas bilen zähmet çekeris.

***Eziz watandaşlar!***

Ýene az salymdan täze – 2025-nji ýyly garşy alarys. Şu pursatda siziň ähliňize berk jan saglygyny we täze üstünlikleri arzuw edýärin.

Täze ýyl Ýer ýüzünde parahatçylygyň, abadançylygyň, ynanyşmagyň, rysgal-berekediň ýyly bolsun! Hemişe maşgala ojaklaryňyza agzybirlik, döwletlilik ýar bolsun! Bagtyýar günler dowamat-dowam bolsun!

Täze – 2025-nji ýylyňyz gutly bolsun!

## Döwrümize şan berýän kitaplar



**Toýdur baýramlara beslenýän ajaýyp ýurdumyzda täzelikler yzly-yzyna sepleşip gelýär. Tamamlanan hem-de uly üstünliklere beslenen «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň ahyrky aýlarynda Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan syzylyp çykan «Hakyda göwheri» atly ajaýyp kitabynyň, şeýle hem hormatly Prezidentimiziň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitabynyň türkmen halkyna bagyş edilmegi göwünleri galkyndyrdy.** 3

## Döwletliler köşgünde terbiýelenýän çagalara Täze ýyl sowgatlary

*1-nji ýanwarda Döwletliler köşgünde guralan Täze ýyl dabarasynda bu ýerde terbiýelenýän çagalara hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň adyndan sowgatlar gowşuryldy.*

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaş nesliň watansöýüjilik ruhunda terbiýelenmegi ugrunda ýurdumyzda toplumlaýyn işler alnyp barylýar. Mälim bolşy ýaly, çagalar öýlerinde, ýöriteleşdirilen mekdeplerde hem-de mekdep-internatlarda terbiýelenýän ýaş türkmenistanlylaryň saglygyny berkitmek, olara döwrebap bilim almak mümkinçiligini döretmek hormatly Prezidentimiziň ynsanperwer ýörelgelere esaslanýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar.

Ýurdumyzyň aýratyn hemaýata mätäç ýaş raýatlaryna yzygiderli üns berilýär. Bu işde türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda kemala gelen ýörelgeleri bar. Häzirki wagtda şol ýörelgeler howandarlyga mätäç çagalara durmuş goldawyny bermäge hem-de olary özbaşdak durmuşa taýýarlamaga gönükdirilen hukuk kepillendirmelerinde öz beýanyny tapýar.



Döwletliler köşgünde terbiýelenýän çagalary Täze ýyl arçasynyň ýanynda Aýazbaba, Garpamyk we 2025-nji ýylyň nyşany garşyladylar. Dabara Mejlisiň, Halk Maslahatynyň hem-de degişli ministrlikleriň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Garaşsyz Watanymyzda hormatly Prezidentimiziň yzygiderli aladalary bilen beden we ruhy taýdan sagdyn nesli kemala getirmek, olaryň ukyp-başarnyklaryny açmak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Döwletliler köşgünde çagalar diňe bir bilimleri däl, eýsem, dürli hünärleri hem özleşdirýärler. Bu ýerde çagalar şekillendiriş we saz sungatynyň tilsimlerini ele alýarlar, gurnaklarda sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanýarlar. Olaryň köpüsi ýurdumyzda we daşary ýurtlarda geçirilen döredijilik bäsleşikleriniň hem-de halkara festiwallaryň ýeňijileridir. Şolaryň hatarynda Gulbaba adyndaky çagalar baýragynyň eýesi – «Joşgun» tans topary hem bar.

Çagalar myhmanlaryň öňünde konsert maksatnamasy bilen çykyş edip, özleriniň döredijilik ukyplaryny görkezdiler, dürli ýşyklar bilen ýalkym saçýan arçanyň ýanynda goşgy aýtdylar, tans etdiler hem-de mähriban Watanymyzy, hormatly Prezidentimizi, Täze ýyl baýramyny wasp edýän aýdymlary ýerine ýetirdiler. 2

## Parahatçylyk we ynanyşmak – ýurdumyzyň ýörelgesi



**«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary astyndaky bereketli ýylymyz tamamlandy. Täze ýyly uly joşgun bilen garşyladyk. Asylly däbimize eýerip, Täze ýylymyzy mynasyp atlandyrdyk.**

**Döwrümize şan berjek täze ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyrylmagy ýurdumyzyň, milli Liderimiz Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň dünýädäki abraý-mertebesiniň belentdiginiň alamatydyr. Birleşen Milletler Guramasynyň kabul eden Kararnamasy esasynda 2025-nji ýylyň dünýäde şu şygar astynda geçjekdiginiň özi hem munuň aýdyň subutnamasydyr.** 3



## Dünýäniň rahat ýurtlary

**«BookRetreats» portaly tebigatda has gowy rahatlanyp, şäheriň «gohundan» gaçyp dynç alyp boljak ýurtlaryň sanawyny düzdi. Bilermenler goralýan ýerleriň sany, ilatyň gürlügi, ýol hereketi we sagaldyş çärelerine gatnaşmak mümkinçiligi ýaly 9 ölçegden peýdalanyp, 76 ýurdy seljerdiler.** 4



## Türkmen pälwanlarynyň üstünligi

**Agyr atletika boýunça Kataryň paýtagty Dohada geçirilen ýaşlaryň hem-de ýetginjekleriň arasyndaky Aziýa çempionatynda ildeşlerimiz şowly çykyş etdiler. Türkmen agyr atletikaçylary ýaryşda umumylykda 3 altyn, 2 kümüş medal gazanyp, çempionaty Wýetnamyň hem-de Özbegistanyň ýygyndysyndan soň 3-nji orunda tamamladylar.** 7



## Täsin sport görnüşleri

**Wagtyňy gyzykly hem-de peýdaly geçirmek üçin sport bilen meşgullanmaly. Sport dünýäsi köp ugurly we gyzykly oýunlara baý bolmak bilen bir hatarda, bedeniňi berkitmäge ýardam edýär.** 5

## Dünýä ilaty 82 million köpeldi



Germaniýanyň Bütindünýä ilat gaznasy 2024-nji ýylda dünýä ilatynyň 82 million artyp, 8 milliard 56 milliona ýetendigini mälim etdi. Gaznanyň maglumatyna görä, Ýeriň ilatynyň artmagyna, esasan, Afrika ýurtlary has köp goşant goşupdyr. Asyryň ahyrynda bolsa, 3,4 milliarda ýetip biljekdigi mälim edildi. Gazna dünýäde ilatyň artyşynyň azalýandygyny we her zenanyň ortaça 2,2 çaga dünýä inderýändigini mälim etdi.

Gazna Germaniýanyň ilatynyň bolsa, 2024-nji ýylyň dowamynda 84 million bolmagynda, ýagny üýtgewsiz galandygyny mälim etdi.

ABŞ-nyň Ilat býurosy bolsa, geçen ýyl dünýäniň ilatynyň 71 milliondan gowrak köpelendigini mälim etdi.

Dünýäniň ilaty 2022-nji ýylyň noýabrynda 8 milliarddan geçipdi.

**Ymam BAÝRAMOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Fakultet hirurgiýasy kafedrasynyň assistenti.*

# TÄZE ÝYLDA ILKINJI DÜNÝÄ INEN BÄBEJIGE PARAHAT DIÝIP AT GOÝULDY

2025-nji ýylyň ilkinji pursatlarynda Arkadag şäherindäki Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezinde ýurdumyz boýunça ilkinji çaga dünýä indi. Arkadag şäherinde ýaşaýan Atageldiýewleriň maşgalasy üçin täze ýyl turuwbaşdan düşümli, döwletli geldi. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda dünýä inen oglanjyga täze ýylyň şygaryna laýyk Parahat diýip at goýdular.

Uly ruhubelentlik, ajaýyp arzuw-umytlar bilen gadam basylan 2025-nji ýylyň ilkinji minutlarynda Arkadag şäheriniň bagtyýar ýaşaýjylary – öý hojalykçy Orazjahan hem-de mekdep mugallymy Ýazmergen Atageldiýewleriň ikinji ogul perzende gözi düşdi. Bu – döwletlilikden nyşan. «Döwletliden döwlet ýokar» diýlenine eýerip, Arkadag şäherindäki Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň döwrebap binasynda agzybir maşgalanyň şatlygyna şärik bolan watandaşlarymyz täze doglan çagany ýüze syldylar. Onuň ýaşynyň



uzyn bolmagy, il-güne gerekli gerçek goç ýigit bolup ýetişmegi baradaky ýagşydan-ýagşy arzuw-dilegler edildi. Şeýle ajaýyp, guwandyryjy pursatlarda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Atageldiýewleriň maşgalasyna iberen sowgatlary gowşuryldy, gutlag sözleri, iň gowy arzuwlary aýdyldy.

Lukmanlaryň aýtmagyna görä, Arkadag şäherindäki şeýle döwrebap merkezleriň birinde dünýä inen Parahatjyk sagdyn doguldy. Onuň agramy 4100 gram, boýy bolsa 54 santimetr. Bäbejige we onuň ejesine lukmanlardyr şepagat uýalary tarapyndan ähli degişli gözegçilik işleri öz wagtynda geçirilýär.

Ýeri gelende bellesek, geçen ýyl hem ýurdumyzda ilkinji çaga Arkadag şäherinde dünýä inipdi. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen binýat bolan täze şäherde täze durmuşyň gülleýändigininiň ajaýyp alamatydyr.

## Döwletliler köşgünde terbiýelenýän çagalara Täze ýyl sowgatlary



**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýaşajyk zehinler Aýazbaba, Garpamyk hem-de ertekileriň gahrymanlary bilen el tutuşyp, arçanyň daşyndan aýlanyp, çykyşlaryny tamamladylar.

Soňra çagalara döwlet Baştutanymyzyň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň adyndan sowgatlar, şeýle hem olaryň döwrebap bilim almaklary üçin interaktiw okuw esbaplary gowşuryldy.

Döwletliler köşgünde terbiýelenýän çagalar özleri barada edilýän alada üçin hormatly Prezidentimize hem-de Gahryman Arkadagymyza hoşallyk bildirdiler, şeýle hem Täze ýyl mynasybetli gutlaglaryny we arzuwlaryny beýan etdiler.

# TÄZE ÝYL NIRÄ, HAÇAN GELÝÄR?

Bütin dünýäde sabyrsyzlyk bilen garaşylýan iň esasy baýramlaryň biri hem Täze ýyl hasaplanýar. Eýsem, Ýer ýüzünde ilkinji bolup Täze ýyly haýsy ýurduň ýaşaýjylary garşy alýarlar?

Täze ýyly garşy alýan ýurtlar wagt guşaklygynyň başlangyjyndaky ýurtlardyr. Ilkinji bolup, Kiribati Respublikasynyň Kiritimati, Teraina we onuň töweregindäki adalaryň ýaşaýjylary Täze ýyla aýak basýarlar. Bu adalar kadadan çykma görnüşinde UTC+14 wagt guşaklygynda ýerleşýärler. Deňeşdirmek üçin, biziň ýurdumyzda UTC+5 wagt guşaklygy ulanylýar. Ýagny şol adanyň ýaşaýjylary bizden 9 sagat öň, Täze ýyla gadam basýarlar. Olaryň yzýany Täze ýyl has dabaraly bellenilýän Täze Zelandiýa, Awstraliýa we Ýuwaş ummanyndaky beýleki adalara gelýär. Bu ýerlerde Täze ýyl feýerwerkleriniň sesi ýaňlanyp başlan wagty biziň ýurdumyzda senenama 31-nji dekabry,



sagadyň dili 16:00-y görkezýär. Soňra Ýuwaş ummanyndaky beýleki adalaryň ýaşaýjylary Täze ýyla gadam basýarlar. Onuň yzýany Awstraliýanyň günbatar sebitleriniň, Ýaponiýanyň ýaşaýjylary täze ýyla gadam basýarlar. Şeýlelikde, Täze ýyl dürli ýurtlardan aşyp, biziň ýurdumyza gelýär. Ýurdumyzda ýylyň çalyşýan wagty londonlylaryň Täze ýyly garşy almaklaryna 5 sagat galýar. Täze ýyl ýoluny dowam edip, Atlantik ummanyny aşyp, Amerika baryp ýetýär. Gawai, Kuk adalary, Fransuz Polineziýasy ýaly ýerlerde Täze ýylyň ilkinji minutlarynda Türkmenistanda sagadyň dili 15:00-y, senenama 1-nji ýanwary görkezýär. Şondan bir sagat soň, Ýuwaş ummanyndaky Amerikan Samoasy, Niue, Midueý adalarynyň ýaşaýjylary Täze ýyly iň soňky bolup garşy alýarlar. Bu adalar baýramçylygy ilki belleýän ýurtlaryň golaýynda ýerleşýär.

## Nol emissiýaly ilkinji bina



Ispaniýanyň Sewilýa şäherinde Ýewropanyň nol emissiýaly ilkinji binasy gurlar. Umumy barlag merkeziniň (JRC) täze binasy täzeçil dizaýny we daşky gurşawa zyýansyzlygy bilen tapawutlanar. Taslamanyň çäginde binanyň üçegine Gün panelleri oturdylar. Bu panellerden alnan energiýa diňe bir bina däl-de, daş-töweregindäki binalara hem ýetjek energiýa öndürer. Kartuha adasynda guruljak binanyň ýanynda halk köpçüliginiň dynç almagyna niýetlenen ýerler bolar.

1994-nji ýylda esaslandyrylan Umumy barlag merkezi durnuklylyk, emeli aň we innowasiýa ýaly ugurlarda ylmy barlaglary alyp barýar.

**Leýli DÖWLETOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*



## Güne has golaý bardy

NASA-nyň işläp taýýarlan «Parker Solar Probe» emeli hemrasy Güne has golaý bardy. Enjam 24-nji dekabrda Günüň 6,1 million kilometr golaýyndan geçdi. Awiakosmos edarasy emeli hemranyň 2018-nji ýylda uçurylanyndan bäri Günüň iň ýakynyna barandygyny mälim etdi. Enjam 6-njy noýabrda ugruny üýtgedip, Wenera tarap uçup başlapdy. Ol Güne golaýlan wagty Ýer bilen aragatnaşyk dolulygyna kesildi. Enjam ýakynda Günüň ýakynyndan geçeninde toplan maglumatlaryny Ýere iberip başlar. Günüň golaýyndan geçen wagty enjamy şöhleden goraýan daşky gatlak 1400 dereje gyzgynlyga sezewar boldy. Emeli hemra Günüň golaýyndan geçeninde öz tizlik rekordyny hem täzeledi.

«Parker» mundan ozal, 2023-nji ýylyň 27-nji sentýabrynda Ýeriň ýyldyzyna 7,26 million kilometr golaý baryp, sagatdaky tizligini 635 müň kilometre ýetiripdi. Şeýlelikde enjam iň çalt hereket eden jisim bolupdy. «Parker» kosmos giňişliginde adatça sagatda 430 müň kilometr tizlik bilen hereket edýär. Bu tizlik London bilen Nýu-Ýorkuň aralygyny 30 sekuntda geçmek bilen deňdir.

**Aýjeren AHUNDOWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.*



## Şengen zolagyna goşuldy

1-nji ýanwardan başlap Bolgariýa we Rumyniýa Ýewropa ýurtlarynyň wizasyz syýahat edilýän sebiti bolan Şengen zolagyna goşuldylar. Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşi geçen ýylyň 12-nji dekabrynda Bileleşige agza bu iki ýurduň Şengen zolagyna goşulmagy barada karar kabul edipdi. 2024-nji ýylyň 31-nji martynda Bolgariýa we Rumyniýa bölekleýin, ýagny diňe deňiz we howa ýoly arkaly Şengeniň düzümine goşulypdy. Indi bolsa, gury ýer serhetleri hem wizasyz syýahata degişli edildi. Bu iki ýurt 2007-nji ýylda Ýewropa Bileleşigine agza bolupdy.

Şengen sebitine jemi 29 ýurt – Ýewropa Bileleşigine agza bolan Germaniýa, Awstriýa, Belgiýa, Horwatiýa, Çeh Respublikasy, Daniýa, Estoniýa, Finlýandiýa, Fransiýa, Gresiýa, Wengriýa, Italiýa, Latwiýa, Litwa, Lýuksemburg, Malta, Niderlandlar, Polşa, Portugaliýa, Slowakiýa, Sloweniýa, Ispaniýa, Şwesiýa, Bolgariýa we Rumyniýa, şeýle hem Bileleşige agza bolmadyk Lihtenşteýn, Islandiýa, Norwegiýa hem-de Şweýsariýa girýär.

## Ýaşuly ilatyň sany artýar

Koreýa Respublikasynda ilatyň ortaça ýaşynyň ýokarlanýandygy mälim edildi. Maglumata görä, ilatyň 20 göteriminden gowragy 65 ýaşdan ýokary. Ýurduň Içeri işler ministrliginiň ýaýradan maglumatynda jemi 51 milliondan gowrak ilaty bolan Koreýada 65 ýaşdan ýokary ilatyň sany 10,24 milliona ýetdi. 65 ýaşdan uly ilat 2008-nji ýylda 4,94 million bolupdyr. 2017-nji ýylda 65 ýaşdan ýokary ilat ilatyň 14 göterimini emele getiren eken.



Birleşen Milletler Guramasy ilatyň 7 göteriminden gowragy 65 ýaşdan ýokary bolan ýagdaýynda «garraýan jemgyýet», 20 göterimden geçen ýagdaýynda «aşa garry jemgyýet» diýip kabul edýär. 2023-nji ýyl Koreýada çaga doglușy 0,72 göterim bolup, dünýäniň iň az artýan ýurtlarynyň arasynda orun alypdy.

## Sürüjisiz ulaglar ýaýbaňlandyrylar

Hytaýyň paýtagty Pekinde ýola goýlan täze düzgüne görä, sürüjisiz awtoulaglaryň synagdan geçirilmegine rugsat berildi. Şäheriň ýolbaşçylary synag sürüşleri şowly netije beren ýagdaýynda bu ulaglaryň hereketine hem rugsat bermegi maksat edinýärler. 1-nji aprelden başlap öndüriji kompaniýalar sürüjisiz ulaglaryny synag etmek üçin ýüz tutup bilerler. Şäheriň ýolbaşçylary hususy awtoulaglaryň, awtobuslaryň, tramwaýlaryň we taksileriň sürüjisiz bolmagyna goldaw berýär. Şeýle hem şäherde «akylly» ýol infrastrukturasynyň döredilmegi hem meýilleşdirilýär.



Mundan ozal ýurduň käbir şäherlerinde belli ýerlerde sürüjisiz ulaglaryň hereketi ýola goýlupdy. Golaýda bolsa, Uhan şäherinde «akylly» awtoulaglaryň ýaýbaňlandyrylmagyny goldamak üçin täze düzgün girizilipdi.

Geçen ýylyň awgust aýynda bolsa, ýurduň 19 şäherinde robotaksi hem-de robobus synaglaryna mümkinçilik beriljekdigi mälim edildi. Ýurtda eýýäm «Baidu»-nyň «Apollo Go» kompaniýasy sürüjisiz taksi hyzmatyny hödürleýär.

**Arzygül DÖWLETSÄHEDOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Dünýäniň köp myhmanly şäherleri

«Euromonitor» guramasy «Data Bank» we «Lighthouse» maglumat kompaniýalary bilen bilelikde 2024-nji ýylda iň köp daşary ýurtly myhman kabul eden şäherleriň sanawyny taýýarlady. Sanawyň ilkinji basgançagyny Tailandyň paýtagty Bangkok eýeleýär. Şähere baran halkara syýahatçylaryň sany 2023-nji ýyldakydan 37 göterim köp bolup, 32,4 milliona ýetipdir. Ikinji orny 23 million syýahatçyny kabul eden Stambul eýeleýär. Angliýanyň paýtagty Londona 21,7 million syýahatçy barypdyr. Degişlilikde, Gonkonga 20,5 million, Mekgä we Antalýa 19,3 million, Dubaýa 18,2 million, Makauwa 18 million, Pariže 17,4 million we Kuala-Lumpura 16,5 million myhman barypdyr.



Şeýle hem geçen ýyl halkara syýahatçylygynyň pandemiýadan ozalky ýagdaýa golaýlandygy mälim edildi. «Euromonitor»-yň bilermenleri 2024-nji ýylda syýahatçylyk pudagynyň 19 göterim ösüp, bu pudakda 1,9 trillion amerikan dollarynyň sarp edilendigini belleýärler.

**Şasüleýman GURBANSÄHEDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Eplenýän has ýuka telefon

Hytaýyň «Honor» brendi «Magic V3» atly iň ýuka eplenýän telefony satuwa çykardy. Galyňlygy barýogy 9,2 millimetre ýetýän telefonyň agramy 226 gram. Ýuka we ýeňildigine garamazdan, «Magic V3» ýokary durulykda surata düşürýär. Esasy kamerasy 50 MP, ultra giň kamerasy 50 MP we telefoto kamerasy 20 MP durulygynda surata alýar. Mundan başga-da, telefony «Parallel Space» tehnologiýasy arkaly iş we şahsy maksatlar üçin «ikä bölüp» bolýar. Şeýle hem «AI Portrat Motor» aýratynlygy professional derejede suratçylyk bilen meşgullanmaga mümkinçilik berýär. Telefon wideojaň arkaly ýüzbe-ýüz gepleşýän adamyň sözlerini bada-bat terjime hem edip bilýär.



Bulardan başga-da, smartfon urga we suwa çydamly bolmagy bilen hem tapawutlanýar.



## Gün ulgamyndaky 9-njy planeta

NASA Gün ulgamynda 9-njy planetanyň bolup biljekdigini mälim etdi. Neptundan hem aňyrda bolan planetanyň Ýeriň massasyndan 5-10 esse uludygy çaklanylýar. Astronomlar asman jisiminiň elliptik şekillidigi we Günüň daşyndaky aýlawynyň uzakdygy sebäpli synlamagyň aňsat däldigini belleýärler. Şeýle planetanyň bolup biljekdigi barada köp wagtdan bäri jedeller dowam edýärdi.

Kaliforniýa tehnologiýa institutynyň ylmy işgäri Konstantin Batyginiň ýolbaşçylygyndaky topar tarapyndan anyklanan planetanyň 2006-njy ýylda planeta statusy aýrylan Pluton bilen baglanyşygynyň ýokdugy mälim edildi. Asman jisiminiň planeta hasaplanmagy üçin öz orbitasy bolmaly hem-de dartyş güýji golaýyndaky beýleki asman jisimleriniňkiden has güýçli bolmaly.

**Baýmyrat ÝATŽIKOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*



## Iň gowy myhmanhanalar saýlandy

ÝUNESKO 2015-nji ýyldan bäri dünýäniň iň gowy desgalarynyň sanawyny taýýarlaýar. «Prix Versailles» atly bu ýaryşda myhmanhanalar, aeroportlar, sport desgalary, muzeýler, restoranlar ýaly dürli desgalara binagärlik we dizaýn aýratynlyklaryna görä baha berilýär. 2024-nji ýylda jemi 16 desga dünýäniň iň gowy myhmanhanasy saýlandy. Fransiýadan 3 myhmanhana sanawa girip, ýurt bu ugurda birinji bolupdyr. Ine, sanawa giren käbir myhmanhanalar: «The Hanok Heritage House» (Ýonwol, Koreýa Respublikasy), «The Ned Doha» (Doha, Katar), «The Dolli» (Afiny, Gresiýa), «Manly Pacific» (Sidneý, Awstraliýa), «Raffles Al Areen Palace Bahrain» (Zallak, Bahreýn), «Pulso Hotel» (San Paulo, Braziliýa) we «W Macau – Studio City» (Makau, Hytaý).

**Ahmet AKMUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 3-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-115496
Belgisi: 1/1619
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Parahatçylyk we ynanyşmak – ýurdumyzyň ýörelgesi

Başlangyjy 1-nji sahypada.
Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň parasatlylyk bilen belleýşi ýaly, parahatçylyk dünýädäki iň uly gymmatlykdyr.

Parahatçylyk we ynanyşmak adamzadyň abadan geljegini üpjün etmek üçin biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly iň gymmatly düşünjeler bolup, ol häzirki wagtda döwletleriň we halklaryň arasynda hyzmatdaşlygyň hem-de ösüşiň baş ýörelgesine öwrülýär. Türkmenistan Bitaraplyk ýörelgesine ygrarly bolmak bilen, «Dialog – parahatçylygyň kepili» taglymatyndan ugur alyp, halkara gatnaşyklaryň parahatçylykly ýol bilen ösdürilmegine, ählumumy howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmegine uly goşant goşýar. Ýurdumyzyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy mejlisiniň wise-başlyklygyna saýlanylmagy, Türkmenistanyň başlangyjy bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» hem-de «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnamalaryň biragyzdan kabul edilmegi dünýä döwletleriniň ýurdumyza bolan ynamyny, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşary syýasat strategiýasynyň, mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegine, ykdysady kuwwatynyň has-da berkemegine gönükdirilen tagallalarynyň hem-de deňhukukly we özara bähbitli oýlanyşykly başlangyçlarynyň rowaçlyklara beslenýändigini görkezýär.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň



kabul edilmegi bolsa ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň sebitde, bütin dünýäde parahatçylygy we durnuklylygy üpjün etmek babatda möhüm ähmiýete eýediginden habar berýär. Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 25-nji plenar mejlisinde «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilendigi bu hakykatyň nobatdaky subutnamasydyr. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly ajaýyp şygrynda: «Ýurdumda adamzada beýik geljek görünýär» diýlip, aýratyn nygtalyp geçilýär.

Milli Liderimiziň bu ajaýyp şygry dünýäniň parahatlygyny, abadançylygyny, asmanyň asudalygyny, adamzat nesliniň bagtyýarlygyny berkarar etmäge çagyryş hökmünde täze müňýyllygyň parahatçylyk senasydyr.

Ata Watanymyz bu gün diňe bir sebitde däl, eýsem, tutuş dünýäde parahatçylyk söýüji, dost-doganlyk gatnaşyklaryny berkidýän, ylalaşdyryjy merkez hökmünde tanalýar. Munuň özi Türkmenistanyň sebit we dünýä möçberinde parahatçylygy, howpsuzlygy hem-de durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen netijeli daşary syýasatynyň ählumumy ykrar edilýändigininiň subutnamasydyr. Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesiniň taryhy tejribesi we ähmiýeti, halkara hyzmatdaşlyk ulgamynda dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmekdäki hyzmaty ýokary baha mynasyp bolýar.

Goý, başymyzyň täjine deňeýän Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz dowamat dowam bolsun! Türkmen halkynyň abraý-mertebesiniň has-da belende galmagy ugrunda uly tagalla edýän hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň umumadamzat bähbitli beýik başlangyçlary, döwletli işleri rowaçlyklara beslensin!

**Mahym NURLYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# Ata Watanymyzyň ösüşli menzilleri

Her bir güni ösüş-özgerişlere beslenen «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda eziz Diýarymyzda ähli ugurlar bilen bir hatarda gurluşyk-binagärlik pudagynda hem uly üstünlikler gazanyldy.

Ýurdumyzda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gatnaşmagynda möhüm ähmiýeti bolan köp sanly desgalar we binalar gurlup ulanmaga berildi. Sanly ulgama esaslanýan «akylly» şäheriň – Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygy dowam etdirildi. Ýurdumyzyň ähli ýerinde döwrebap ýaşaýyş jaýlary, bilim, saglygy goraýyş, medeniýet we sport ulgamyna degişli binalar, kuwwatly önümçilik desgalary gurlup ulanmaga berildi, ýangyç-energetika toplumyna degişli iri taslamalar durmuşa geçirildi.

Kabul edilen maksatnamalara laýyklykda, döwrebap senagat we gurluşyk önümçiligine niýetlenen iri kärhanalar gurulýar. Geçen ýyl Lebap we Bäherden sement zawodlarynyň hersi ýylda 1 million tonna ýokary hilli sement öndürmäge ukyply bolan ikinji tapgyrlary işe girizildi. Bu önümçilik kärhanalary ýurdumyzyň senagat pudagyny has-da ösdürmäge, ykdysady kuwwatyny artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Ýurdumyzyň ýol gurluşyk pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli pugtalandyrylýar. Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentligi Diýarymyzyň çäklerinde ýerli we döwlet ähmiýetli awtomobil ýollarynyň dünýä ölçeglerine laýyklykda, öňdebaryjy ýol gurluşyk tehnologiýalaryny ulanmak arkaly gurulmagyny üpjün edýär. Uzynlygy 600 kilometr bolan Aşgabat – Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygy muňa aýdyň mysaldyr.

Milli ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlary bilen bir hatarda, gurluşyk we senagat pudagy hem ýokary depginler bilen ösýär. Gurluşyk we senagat toplumynda innowasion önümçilikleri döretmek, iri senagat kärhanalaryny gurmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmak hem-de pudagyň eksport mümkinçiliklerini



ýokarlandyrmak, ulgama sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak wezipeleri üstünlikli çözülýär.

Gurluşyk pudagyna gönükdirilýän ägirt uly maýa serişdeleriniň, ýurdumyzda döredilen amatly maýa goýum gurşawynyň, telekeçiligi goldamak babatda durmuşa geçirilýän netijeli çäreleriň şähergurluşyk syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylmagyna goşant goşýandygyny bellemek gerek. Her ýylda paýtagtymyzda we welaýatlarda önümçilik, medeni-durmuş maksatly desgalar gurlup ulanmaga berilýär, ozal bar bolanlarynyň durky täzelenýär. Şeýle giň gerimli işler halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge, şäherdir obalarda halkara ülňülere laýyk gelýän möhüm düzümleri kemala getirmäge gönükdirilen durmuş ugurly syýasatyň aýdyň netijeleridir.

Giň gerimli gurluşyklar ýokary hilli gurluşyk serişdelerine bolan islegleriň artmagyny şertlendirip, ýerli çig mallaryň binýadynda olaryň önümçiligini ýokarlandyrmaga itergi berdi. Häzirki wagtda türkmen önüm öndürijileri içerki we daşarky bazarlarda isleg bildirilýän, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan, eksport ugurly önümleriň giň görnüşleriniň önümçiligini ýola goýdular. Hususan-da, sement, armatura, keramzit önümlerini, gurluşykda ulanylýan daşlaryň görnüşleri, kaolin we beýleki önümler bar.

Goý, halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmek ugrunda beýik işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, tutýan tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Güller HOŞNAZAROWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Döwrümize şan berýän kitaplar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň Täze ýylyň öňüsyrasynda geçiren giňişleýin mejlisinde «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzda taryhy özgertmeleriň durmuşa geçirilendigini, halkymyzyň aba-



dan we bagtyýar durmuşynyň has-da rowaçlanandygyny, türkmeniň beýik ogly Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk toýunyň halkara derejede giňden toýlanandygyny kanagatlanma bilen belledi we şu ýylyň jemlenmegi bilen bagly «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitabyny ýazyp tamamlandygyny habar berdi.

Döwlet Baştutanymyz öz eserinde beýik söz ussadynyň edebi mirasynyň, dünýä medeniýetine goşan ägirt uly goşandynyň, şahyryň ýubileýi bilen bagly geçirilen çäreleriň giňden beýan edilýändigini, şeýle hem ýurdumyzda ýetilen sepgitleriň, gazanylan üstünliklerimiziň jeminiň jemlenýändigini nygtap, bu kitabyň mähriban halkymyza mynasyp sowgat boljakdygyny aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitabyny ýazmak bilen, tutuş türkmen halkyna we daşary ýurtlaryň halklaryna Täze ýylyň bosagasynda örän uly sowgat etdi.

Şol bir wagtda Gahryman hem alym Arkadagymyzyň parlak zehininden dörän «Hakyda göwheri» atly kitapda-da türkmen halkynyň, şeýle hem tutuş dünýäniň göwherine öwrülen akyldar şahyr Magtymguly Pyragy hakynda, şeýle hem halkymyzyň watansöýüjiligi, ynsanperwerligi, edermenligi, agzybirligi hakynda aýdylyp geçilýär.

Elbetde, bu mukaddes eser bilen biziň ýokary okuw mekdebimiz bolan Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutymyzda hem tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi. Bu dabara institutyň bagtyýar talyp ýaşlary we professor mugallymlary gatnaşdylar. Tanyşdyrylyş dabarasynyň çäklerinde institutyň eýwanynda sergi ýaýbaňlandyrylyp, bu ýerde hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň eserlerine giň orun berildi. Türkmen halkynyň amaly-haşam sungatynyň gymmatlyklary tanyşdyrylyş dabarasyna gatnaşyjylarda uly gyzyklanma döretdi.

Döwlet Baştutanymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary esasynda 2024-nji ýyl «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary astynda geçdi. Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli beýik nusgawy şahyryň döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygyny



alamatlandyrýan, parahatçylygyň, ösüşiň binýady bolup hyzmat edýän, halklary we döwletleri birleşdirýän filosofiýasy bütin dünýä ýaň saldy. 2024-nji ýylyň oktýabr aýynda Aşgabatda guralan halkara forum, şeýle hem ýylyň dowamynda Türkmenistanda we daşary ýurtlarda geçirilen halkara çäreleriň ýüzlerçesi munuň aýdyň mysalydyr.

Goý, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň eserleriniň höwri köp bolsun, janlary sag, başlary hemişe dik bolsun!

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# Ýusup Balasagunlynyň we Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy

Garahanlylar türkmen döwletiniň orta asyr medeniýetinde ylmy we döredijilik ylhamy pajarlap ösen ussat alymlaryň biri hem Ýusup Balasagunly-Barsaganlydyr. Şahyrana ykbaly köpsanly türki halklary tarapyndan ezizlenýän danyşment 1015 – 1077-nji ýyllar aralygynda ýaşap geçipdir. Döwürdeşleri tarapyndan oguz dil sözleýşiniň Güneşi, mukaddeslik mekdebiniň beýik mugallymy hökmünde ykrar edilen Ýusup Balasagunlynyň «Gut etgu bilig» - «Bagt getiriji bilim» poemasy türki halklarynyň edebiýatynyň altyn hazynasynda ilkinji we iň gymmatly eserleriň biri hasap edilmek bilen, bu göwher gollanma Merkezi Aziýanyň medreselerinde, okuw mekdeplerinde uzak asyrlaryň dowamynda iň ýörgünli, esasy ylmy kitaby hökmünde okadylypdyr hem-de köpsanly ussatlaryň zehininiň taplanmagyna ylham beripdir. Dünýä edebiýatynyň altyn sahypalarynda şöhratly adyna we hyzmatlaryna uly hormat goýulýan Magtymgulynyň ylhamly dünýäleriniň çeperleşmegine, gözýetiminiň giňelmegine hem-de ylmy we döredijilik dünýägaraýşynyň kämilleşmegine irki orta asyrlaryň baý döredijilik miraslary, şahyrana stilistik-didaktik kyssalary, risalalary, tefsirleri, tezkireleri, jemgyýetçilik çeper pikirlenme medeniýeti güýçli täsir edipdir. Gündogarda türki dilli edebiýatyň orta asyr medeniýetiniň ýedi soltanynyň biri, şygyr senedindäki ýazarlaryň belent we röwşen ýalkawly, dilewar, sahawatly, sahypkyran halypa galamgäri hasap edilen Ýusup Balasagunly «Gut etgu bilig» - «Bagt getiriji bilim» atly poemasyny 1069-1070-nji ýyllarda Kaşgaryň hökümdary, garahanly begleriniň biri bolan, sebit häkimi Tabgaç Ulug Bugra Gara Han Abu Aly Hasan ibn Süleýman Arslan Bogra hanyň



mertebesine we şöhratly ykbalyna bagyşlap ýazypdyr. Umumutürki edebi ýazuw ýadygärlikleriň görnükli nusgalarynyň biri bolan bu ajaýyp eser özüniň gurluş we tematik aýratynlygy boýunça 6 müň 664 beýtden, 3 bölümden, 85 bapdan ybarat bolup, onda adamzadyň ruhy sagdynlygy, ahlak arassalygy, sabyr-kanagatlylygy, pespälligi, ruhubelentligi hem-de durmuş-hojalyk ykbalyna dahylly möhüm meseleleriň uly toplumy çeper sözleriň, sazlaşykly kapyýalaryň we dürli edebi tärleriň, ýordumlaryň, allegorik obrazlaryň, kyssawy wakalaryň üsti bilen ynandyryjylykly beýan edilýär.

Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasynda orta asyr edebi mekdepleriň görnükli wekilleriniň 40-dan gowragynyň ussatlyk sapaklaryndan ylhamlanyş, pikirleniş umumylyklaryna ýakyn bolan çeper däpleriň şöhlelendirilişi duş gelýär. Ylmy medeniýetiň goja pederi, kalba barýan söz dürlerini zynatlan Ýusup Balasagunlynyň «Gut etgu bilig» atly eserinde hökümdara nesihat hökmünde aýdan beýtlerinde şahyr hökümdary hiç wagt şöhlesi egsilmejek güneşe meňzedýän, soltanlarda güneş nurlary ýaly bolup halkyny çoýmak ylhamynyň bolmagy barada:

Hökümdar:- Alym, meniň tebigatymy
Güneşe meňzedip bu zatlary diýdi:
– Güneşe seret, kiçelmez, elmydama dolup durar:
Ýagtylygy hem şol bir durşuna durar.
– Ikinjiden, Güneş dogar we
bu dünýäni ýagtyldar;
Onuň şöhlesi bütin halka ýeter,
ýöne özünden kemelmez.

diýen pähimli setirleri okamak bolýar. Magtymguly atamyz bolsa bu goşgy setirlerini özüniň bäş bentli «Gul bolgul» atly eserinde:

Häkim bolsaň, halky gün kibi çoýgul,
Akarda suw, ýa öserde ýel bolgul! –

diýip, täze şahyrana pikirler bilen ösdüripdir we kämilleşdiripdir. Poeziýa žanrynyň çeperçilik gözleglerine we gözelliklerine baý bolan, melekleriň arzylan «Bagt getiriji bilim» atly kitabynda Ýusup Balasangunly alymlary sylamalydygy, hormatlamalydygy, olary diňläp, aýdýan zatlaryndan many almalydygy hakynda şeýle belleýär:

Dana kişiler bar, bilimli, alym,
Olaryň ylymy ýagtyldar ýoluň.

Olaryň biliminden al ýetdik paýyň,
Olary sylagla, ýetir serpaýyn.

Şahyryň bu pikirlerini Magtymguly atamyz «Bolar sen» atly goşgy setirlerinde:

Alymlara uýsaň , açylar gözüň
Jahyllara uýsaň kör dek bolar sen –

diýen görnüşde liriki duýgularyň many örüsini, çeperçilik derejesini, täsir edijilik güýjüni we terbiýeçilik ähmiýetini has-da ýokarlandyrypdyr. Türki ülkeleriniň paýhasly serdary, gulman sypatly sözleriň emiri hökmünde meşhurlyk gazanan, begleri tarapyndan dowamly sarpalanan Ýusup Has-Hajyp Balasagunly döwleti dolandyrmak-edara etmek üçin harby güýjüň we ussatlygyň durmuş häsiýetlerinde bolmaly ahlak sypatlar, söweşde leşgerbaşynyň özüni nähili alyp barmalydygy barada:

Özüni alahekekden-de sak tutsun,
Bürgüt ýaly gözi uzaklara seretsin.
Arslan ýaly belent hümmetli bolsun,
Bütin gije hüwi ýaly oýa bolsun –

diýen nusgada gymmatly pikirleri orta atýar. Bu nusgalyk gündogar şygyr sungatynyň çeperçilik däplerini bolsa Magtymguly Pyragy «Başy gerekdir» atly goşgusynda:

Giň ýerde garga deý bolsun wehimli
Ýerinde hünäri, işi gerekdir

Gaplaň kimin arlap girse meýdana
Tilki kimin bazy berse her ýana

Bürgüt guş deý ganat kakyp dügülden,
Gurt dek girip, ýowny koý dek dagyldan

At salanda doňuz kimin topulyp
Aýy kimin asylyşy gerekdir –

diýen ýaly ýaly görnüşlerde köplere hemdem, keremli, labyzly, aýdyň, hümmetli, lezzetli, setirlerde täze, sada şahyrana tilsimler, ýatda galyjy edebi maşklar arkaly suratlandyrypdyr.

**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

# «Saglyk» Döwlet maksatnamasy üstünlikli durmuşa geçirilýär

Ata Watanymyzyň her bir ýyly uly üstünliklere, şanly wakalara beslenýär. Bu bolsa ýurdumyzy syýasy, ykdysady we medeni-durmuş taýdan ösdürmek boýunça kabul edilýän maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistan döwletimiziň täze belentlikleriň ýoly bilen aýdyň geljege tarap ynamly barýandygyna, ýurdumyzyň bolsa halkara derejesinde tutýan ornunyň barha ýokarlanýandygyna şaýatlyk edýär.

Ýurdumyzyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamy görlüp-eşidilmedik derejede ösdi. Saglygy goraýyş edaralarynyň ähli görnüşleriniň dünýäniň iň öňdebaryjy, täze tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylmagy, täze-täze tehnikalaryň dürli kysymlary bilen baýlaşdyrylmagy halkymyza edilýän hyzmatyň hiline täsir edýär we ýurdumyzda halkymyzyň saglygynyň ýurdumyzyň berk binýady boljakdygyna çuňňur ynam döredýär. Çünki ynsan hakyndaky, onuň saglygy we abadançylygy hakyndaky aladany hemişe üns merkezinde saklaýan döwlet Baştutanymyz saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek, köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketini we ýokary derejedäki sporty ösdürmek meselelerine örän çynlakaý üns berip, bu ugurda anyk, yzygiderli çäreleri durmuşa geçirýär.

Köpçülikleýin bedenterbiýäni, olimpiýa hereketini, sporty ösdürmek maksady bilen bu ugurda hem uly işler edilýär. Beden we ruhy taýdan sagdyn nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek, ýurdumyzyň şäherdir obalarynyň görküne görk goşýan hem-de dünýä ülňülerine laýyk gelýän iri sport we atçylyk sport toplumlary, stadionlar, köp sanly ýöriteleşdirilen sport mekdepleri, şypahanalar, sagaldyş merkezleri yzygiderli gurlup, ulanylmaga berilýär.



Ýurdumyzda welosiped sportuny ösdürmäge-de uly üns berilýär. Hormatly Prezidentimiz köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketini we sportuň dürli ugurlaryny ösdürmek, şonuň bilen bir hatarda halkyň saglygyny berkitmek barada uly alada edýär.

Welosiped sürmek bedenterbiýäniň bir görnüşi bolup, çagalar özüniň fiziki ösüşini gowulandyrmak, uly adamlar bolsa öz saglyklaryny berkitmek üçin meşgullanýarlar. Halkymyzyň aladasy bilen ýaşaýan, onuň sagdynlygyny, bagtyýarlygyny gazanmak barada ähli tagallalary edýän, sport bilen meşgullanmagyň, işjeň we sagdyn dynç almagyň nusgasyny görkezýän hormatly Prezidentimiz welosiped ýörişlerini amala aşyrmak bilen görelde bolýar. Welosiped sürmek adamyň saglygyna oňaýly täsir edýär. Sportuň welosiped görnüşi bilen meşgullanmak – uzak ýaşamagyň syrydyr.

Halkymyzyň saglygy we bagtyýar ýaşaýşy, tutuş adamzadyň abadan durmuşy ugrunda amala aşyrýan bimöçber işlerinde hormatly Prezidentimize berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan il-ýurt bähbitli işlerinde hemişe üstünlikleriň we rowaçlyklaryň ýaran bolmagyny arzuw edýäris!

**Nurmurat MÄMMETSAHATOW,**
*Onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň endoskopiýa ylmy-kesgitleýiş bölüminiň müdiri.*

# Möwsümleýin keselleriň öňüni almak üçin peýdaly maslahatlar:

1. Bedeniň kesele garşy göreşijilik ukybyny ýokarlandyrmak, pugtalandyrmak üçin sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermeli.
2. Bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaly.
3. Zyýanly endiklerden daşda durmaly.
4. Açyk arassa howada gezelenç etmeli. Ukyny ýeterlikli we kadaly almaly. Sagdyn we kadaly iýmitlenmeli. Witaminlere baý bolan önümleri iýmeli.
5. Pasla görä geýinmeli.
6. Daşaryk çykmazdan, jemgyýetçilik ýerlerine barmazdan öň, burnuň nemli bardasyna hökman «oksolin» melhemini çalmaly.
7. Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünleri berk berjaý etmeli.
8. Iş ýeriňizde we öýüňizde otaglaryň howasynyň arassa bolmagyny gazanmaly.
9. Öýleriň içinde arassalaýyş işlerini yzygiderli geçirip durmaly.
10. Asgyrylanda, üsgürilende hökman elýaglyk bilen agzy we burny ýapmaly.
11. Elleri elmydama arassa saklamaly we ýygy-ýygydan sabyn bilen ýuwmaly.
12. Ýiti respirator ýokanç keseliniň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutmaly.
13. Özbaşdak antibakterial derman serişdelerini ulanmaly däl, olary özbaşdak ulanylanda birnäçe gaýraüzülmelere getirip biler.



14. Bedeniň kesele garşy durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin hökman Gahryman Arkadagymyzyň bize peşgeş beren «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän itburun, çopantelpek, buýanyň köki ýaly dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhem çaýlary maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp içmeli.
15. Ýurdumyzda ýola goýlan keselleriň öňüni alyş sanjymlaryny maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp almaly.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

# TRAMP ÝENE-DE ÝYLYŇ ADAMY SAÝLANDY



Geçen aý Beýik Britaniýanyň halkara gündelik neşiri bolan «Financial Times» gazeti ABŞ-nyň täze saýlanan Prezidenti Donald Trampa ýylyň adamy diýen derejäni berdi. Ýurduň abraýly neşiri onuň ýene-de uly syýasata dolanyp gelmeginiň özboluşly wakadygyny belläp geçdi. Bu «Financial Times» neşiri tarapyndan Trampyň ikinji gezek ykrar edilmegidir. Ilkinji gezek syýasatçy şeýle derejä 2016-njy ýylda, üstünlik gazanmak ähtimallygynyň pes wagty gazanan ýeňşi üçin mynasyp boldy. 2024-nji ýylda bilermenler onuň Ak Tama dolanyp gelmegine «häzirki zaman amerikan syýasatynyň geň-taň wakasy» diýip baha berdiler. «Indi ähmiýetsiz waka ýaly Trampa kembaha garap bolmaýar» diýlip, beýanatda bellenilýär.

Ýatlap geçsek, 78 ýaşly Trampyň 2024-nji ýylyň 5-nji noýabrynda geçirilen saýlawlarda gazanan ýeňşi, ony geçen bir asyrdan gowrak wagtyň içinde ýeňlenden soň prezidentlige gaýdyp gelen ABŞ-nyň ilkinji syýasatçysyna öwürdi. Ýurduň taryhynda ilkinji şeýle Prezident Grower Kliwlend bolup, ol 1884-nji, 1888-nji we 1892-nji ýyllarda yzly-yzyna üç gezek saýlawlara gatnaşypdy, ýöne diňe 1884-nji we 1892-nji ýyllarda ýeňiş gazanyp bilipdi.

Belläp geçsek, 2023-nji ýylda «Financial Times» gazeti tarapyndan ýylyň adamy hökmünde Daniýanyň «Novo Nordisk» farmasewtika kompaniýasynyň başlygy Lars Ýorgensen saýlanypdy.

Geçen ýylyň dekabr aýynda «Time» neşiri hem ABŞ-nyň saýlanan Prezidenti Donald Trampy «Ýylyň adamy» hökmünde ykrar etdi. Neşir oňa «dünýäniň iň güýçli adamy» diýip baha berdi. Beýanatda Trampyň syýasy taýdan gaýdyp gelmeginiň Amerikanyň taryhynda aýratyn wakadygy bellenilip geçildi.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

**Jimmi Karter aradan çykdy.** 29-njy dekabrda ABŞ-nyň 39-njy Prezidenti Jimmi Karter (1924-2024) 100 ýaşynyň içinde aradan çykdy. Ol 1977-nji ýylyň ýanwaryndan 1981-nji ýylyň ýanwaryna çenli ABŞ-nyň Prezidenti boldy. Jimmi Karter ABŞ-nyň ähli Prezidentleriniň arasynda iň uzak ömürlisi bolup, 2019-njy ýylda 95 ýaşdan geçen ýeke-täk amerikan lideri boldy.



**ABŞ-nyň milli guşy.** Ak kelleli bürgüt resmi taýdan «ABŞ-nyň milli guşy» derejesine eýe boldy. Degişli kanun taslamasyna Prezident Jozef Baýden gol çekdi. Ak kelleli bürgüt 250 ýyl bäri ABŞ-nyň güýjüniň nyşany hasaplanýar. Guş ilkinji gezek 1782-nji ýylda hökümet resminamalarynyň hakykylygyny tassyklaýan möhürde peýda boldy.



**30 ýyldan soň süýşüp başlady.** Halkara alymlar topary 30 ýyldan gowrak durgunlykdan soň Günorta ummanda erkin hereket edýän iň uly buz bölegi bolan «A23a» aýsbergini öwrenýärler. Aýsbergiň ulylygy Londondan iki esse uly bolup, agramy bolsa bir trillion tonna barabardyr.



**Mahabata çykdajylary artýar.** 2024-nji ýylda dünýäde mahabata sarp edilýän çykdajylar taryhda ilkinji gezek 1 trillion dollardan geçipdir. Bu 2023-nji ýyldakydan 9,5 göterim ýokarydyr. Görkezilen maliýe serişdeleriniň agramly bölegini «Google», «ByteDance Ltd.», «Amazon.com Inc.» we «Alibaba» ýaly iri kompaniýalar gazandylar.



**Gatnawlar rekord derejä ýetdi.** Hytaýda 2024-nji ýylda uçarlarda ýolagçy daşamalary rekord derejä ýetdi. Ýurduň awiakompaniýalary soňky maglumatlara görä, 700 million ýolagçy gatnatdylar. Içerki gatnawlaryň hyzmatyndan 640 milliona golaý ýolagçy, halkara ugurlaryň hyzmatyndan bolsa, 60 milliondan gowrak ýolagçy peýdalandy.



**«Caviar» «iPhone 16» çykardy.** «Caviar» kompaniýasy üç nusgada täze «iPhone 16 Pro Max»-y çykardy. Täze enjamyň agramy 1 kilogramdan gowrak. Smartfon jemi 402 sany gymmatbaha daş bilen bezelendir. Bahasy 203 müň dollar bolan enjam üýtgeşik dizaýny halaýanlar üçin niýetlenendir.



**Ysmazlar üçin «lybas».** Koreýaly alymlar ysmazlara hereket etmäge kömek edýän, «WalkON Suit F1» robotyny öndürdiler. Bu eşik ysmaz adamlara sagatda 3,2 kilometr ýol geçmäge, basgançaklara çykmaga we gapdala ädim ätmäge mümkinçilik berýär. 50 kilogram agramy bolan geýilýän robot alýuminden ýasalan.



**Ýylyň sözüni saýlady.** Oksford sözlügi «Brain rot» aňlatmasyny 2024-nji ýylyň sözi diýip yglan etdi. Bu söz onlaýn kontentiň akyl işine edýän täsiri baradaky çekişmelerde meşhur boldy. Ses berişlik esasynda saýlanan «Brain rot» (beýni ukybynyň gowşamagy) sözi internetden ygtybarsyz maglumatlary köp kabul etmek zerarly akyl işiniň peselmegini görkezýär.



**Sygyr bakýan robot.** Awstraliýanyň Sidneý uniwersitetiniň alymlary «SwagBot» atly padyman robotyny döretdiler. Emeli aň we kuwwatly sensorlar bilen üpjün edilen robot, meýdanlaryň ýagdaýyny kesgitläp, nirede otuň köpdügini anyklaýar. Eger meýdanda ot az bolsa, sygyr sürüsini otluk ýere sürýär.



**76 ýyllap ýatan monjuk.** Podmoskowýeli 81 ýaşly zenan eşidişiniň ýaramazlaşandygy üçin lukmana ýüz tutanda, ömürboýy gulagy monjukly gezendigini bilip galdy. Garry zenan gulagyny barladanda, lukman onuň sag gulagyndan monjuk çykardy. Monjugy synlan ene onuň bäş ýaşyndaka üzülen monjugynyň bir düwmesidigini bilip galdy.



## TARYHDA ŞU GÜN

**Arheolog Goward Karteriň ýolbaşçylygyndaky britan ekspedisiýasy Müsüriň faraony Tutanhamonyň aramgähini ýüze çykaranlaryndan iki ýyl soň – 1924-nji ýylyň 3-nji ýanwarynda daş sarkofagynyň üstünden bardylar. Fewral aýynda sarkofag açylanda, onuň içinden faraonyň mumyýasy bilen birlikde altyn tabyt tapyldy.**



## Islandiýanyň iň ýaş Premýer-ministri

**Islandiýada Kristrun Frostadottir Hökümet Başlygy wezipesine bellenenden soň ýurduň taryhynda ilkinji gezek Prezident we Premýer-ministr ýaly iň ýokary wezipeleri zenan eýeledi. Çepçi-merkezçi sosial-demokratik bileleşigiň 36 ýaşly başlygy ýurduň taryhynda iň ýaş Premýer-ministr boldy.**



**Geçen aý Skandinawiýa ýurdunda ähliumumy saýlawlar geçirildi, Frostadottiriň partiýasy dolandyryjy koalisiýadan öňe geçip, iň uly syýasy güýje öwrüldi. Bu partiýa «Galkynyş» we «Halk partiýasy» ýaly beýleki iki partiýa bilen bilelikde koalision dolandyryjy hökümeti döretmäge razylyk bildirdi.**

**Häzirki dolandyryjy partiýalaryň ählisiniň baştutanlary zenanlardyr. Wezipä bellenen 11 ministrden ýedisi hem zenanlar boldy. Islandiýa 15 ýyl bäri Bütindünýä ykdysady forumynyň gender deňligi boýunça global hasabatynda birinji orny eýeläp gelýär.**



## Kanslerlige mynasyp dalaşgär

«Germaniýa üçin sagçy alternatiwa» (AfD) partiýasynyň egindeş başlygy Alis Waýdeliň fewral aýynda geçiriljek parlament saýlawlarynda Germaniýanyň kanslerligine dalaşgär hökmünde hödürlenýändigi habar berildi.



Germaniýanyň Kansleri wezipesine meşhurlygy boýunça dalaşgärleriň sanawynyň başyny Alis Waýdel çekýär. Bu barada Germaniýanyň «Bild» gazeti jemgyýetçilik pikirini öwrenmek boýunça institutyň (INSA) geçiren barlaglarynyň netijelerine salgylanyp habar berdi.

Pikir soralyşyga gatnaşanlaryň 24 göterimi Alis Waýdele ses berdi, bu mundan öňki geçirilen pikir soralyşyk bilen deňeşdirilende 3 göterim köpdür.

Hristian-demokratik bileleşiginiň başlygy Fridrih Mers pikir soralyşyga gatnaşanlaryň 20 göterimi tarapyndan makullanan bolsa, Germaniýanyň häzirki Kansleri Olaf Şols baryýogy 15 göterimi tarapyndan makullandy. Ykdysadyýet ministri we «ýaşyllar» tarapyndan hödürlenýän dalaşgär Robert Habek, pikir soralanlaryň 14 göteriminiň sesine eýe boldy.

AfD partiýasy tarapyndan hödürlenen dalaşgär Waýdel «Bloomberg» bilen söhbetdeşlikde Ýewropa Bileleşigini erkin söwda zolagyna öwürmegi teklip etdi. Onuň sözlerine görä, Ýewropa Bileleşiginiň 2035-nji ýyla çenli içinden otlanýan hereketlendirijili awtoulaglaryny satmagy gadagan etmegi bilen Germaniýanyň awtoulag senagaty kyn ýagdaýda galdy.

Pikir soralyşyga Germaniýanyň müňden gowrak raýatynyň gatnaşandygy habar berilýär. Germaniýada möhletinden öňki parlament saýlawlary 23-nji fewralda geçiriler.

## Kawelaşwili wezipesine girişdi

29-njy dekabrda Mihail Kawelaşwili resmi taýdan Gruziýanyň Prezidenti wezipesine girişdi. Kasam kabul edişlik dabarasy ýurduň parlament binasynda geçirildi. Kawelaşwili kasam kabul edenden soň Gruziýanyň senasy ýaňlandy.



14-nji dekabrda Gruziýanyň parlamentinde täze Prezident üçin saýlawlar geçirildi. Kawelaşwili parlamentiň 300 wekilinden 224 ses aldy. Prezident bolmak üçin, azyndan, 200 ses zerurdy. Kasam kabul ediş dabarasyna parlamentiň wekilleri, hökümet agzalary, Konstitusiýa we Ýokary kazyýetleriň ýolbaşçylary we beýlekiler gatnaşdy. Kawelaşwiliniň kasam kabul edişlik dabarasyndan soň Salome Zurabişwiliniň prezidentlik ygtyýarlyklarynyň möhleti gutardy.

## Täze Premýer-ministr bellendi

Prezident saýlawlarynyň netijeleri ýatyrylandan soň, Rumyniýanyň Prezidenti Klaus Ýohannis häzirki Premýer-ministr Marçel Çolakuny Ýewropa tarapdar koalisiýa hökümetine başlyk edip belledi. Bu barada «Euronews» habar berýär.

Rumyniýanyň syýasy partiýalary bilen geçirilen maslahatlardan soň, Klaus Ýohannis Sosial-demokratik partiýanyň (PSD) lideri Çolakuny ýurduň uzak wagtlap dowam edýän syýasy çökgünliginiň soňuna çykmak maksady bilen Premýer-ministr wezipesine belledi. 57 ýaşly Çolaku 2023-nji ýylyň iýunyndan bäri Premýer-ministr wezipesini eýeläp gelýär. Indi ol täze hökümetiň düzümini we meýilnamasyny parlamente hödürlemeli bolar. Ondan soň deputatlar tarapyndan tassyklanar.

Täze dolandyryjy koalisiýanyň düzümine Sosial-demokratik partiýadan başga-da merkezi sagçy Milli-liberal partiýa (NLP), Rumyniýanyň wengrleri demokratik bileleşigi (DUH) we milli azlyklaryň parlament fraksiýalarynyň girmegine garaşylýar. Partiýalar eýýäm täze Prezident saýlawlarynda Ýewropa tarapdar dalaşgäri hödürlemek barada ylalaşdylar.

Rumyniýada geçirilen parlament



saýlawlary Prezident saýlawlarynyň yzýany geçirilip, onda garaşsyz dalaşgär Kelin Jorjesku ýeňiş gazandy. Ýöne belli sebäplere görä, 6-njy dekabrda Rumyniýanyň konstitusion kazyýeti jemgyýetçilik guramalarynyň, prezidentlige dalaşgärleriň we döwlet edaralarynyň arzalaryna garandan soň, Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyrynyň netijelerini ýatyrmak barada karara geldi. Rumyniýada täze Prezident saýlawlarynyň geçiriljek senesiniň ýakyn günlerde belli bolmagyna garaşylýar.

## BRICS-iň 2025-nji ýyldaky nyşany

Braziliýanyň häkimiýetleri BRICS-iň 2025-nji ýyldaky nyşanyny çap etdiler. Bu nyşan Amazon tokaýlyklarynda ösýän sumauma agajynyň şekiline hem-de BRICS-e agza ýurtlaryň milli baýdaklarynyň reňkine esaslanýar.



«BRICS-e agza ýurtlaryň baýdaklarynyň reňk gammalaryna we Amazonyň tropik tokaýlarynyň palitrasyna esaslanýan reňkler bilen bezelen BRICS-iň 2025-nji ýyldaky nyşany Braziliýanyň Prezidenti tarapyndan hödürlendi» diýlip, Günorta Amerika Respublikasynyň Baştutanynyň diwanynyň metbugat gullugynyň beýanatynda bellenilýär.

Nyşanda kökleri ýaýrap giden köp şahaly agaç hem-de sary, gyzyl, mämişi, ýaşyl we gök reňkli üçburçluk görnüşli gülleýän agajyň ýokarky başy şekillendirilýär. Agajyň ýaýraň başy, BRICS-iň agzalarynyň arasyndaky bileleşigiň mizemezdigini görkezýär.

«Täze logo BRICS-iň diplomatik, sosial-ykdysady we syýasy taýdan artykmaçlygyny görkezýär» diýlip, beýanatda bellenilýär. 2024-nji ýylda Russiýa BRICS-e başlyklyk etdi. Geçen ýylyň 22-24-nji oktýabr aralygynda Kazanda bileleşigiň sammiti geçirildi. Bu ýyl bileleşige Braziliýa başlyklyk eder.

## Müsürde äpet Gün elektrik bekedi guruldy

**Müsüriň günortasyndaky Asuan welaýatynda «Abydos 1» Gün elektrik stansiýasy açyldy. Bu elektrik stansiýasy Ýakyn Gündogarda we Afrikada iň uly beketdir diýip, Müsüriň hökümeti habar berdi. Müsüriň Premýer-ministri Mustafa Madbuli, Kom-Ombo çölünde «Abydos 1» Gün elektrik bekedini açdy» diýlip, ýurduň Ministrler Kabinetiniň habarynda aýdylýar.**

**Gün elektrik stansiýanyň kuwwatlylygy 500 megawat bolup, oňa 500 million dollar maýa goýuldy. 10 müň inedördül metr çäkde ýerleşýän beket, iki sany esasy transformatordan ybarat bolup, olar Ýakyn Gündogarda hem-de Afrikada iň uly desgalardyr. Taslama 1,5 ýylda amala aşyrylyp, oňa Emirlikleriň «AMEA Power» kompaniýasy gatnaşdy. Müsüriň Hökümeti 2030-njy ýyla çenli gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň paýyny 42 göterime ýetirmegi maksat edinýär diýlip, habarda bellenilýär.**



## 74 gatly ofis diňi gurlar

London Sitisiniň administrasiýasy (City of London Corporation) 74 gatly ofis diňiniň taslamasyny makullady. «Bu bina Beýik Britaniýada we Günbatar Ýewropada iň beýik bina bolan «The Shard» bilen bäsleşer» diýip, «Financial Times» neşiri habar berýär. Londondaky «Lloyd's of London» ätiýaçlandyryş bazarynyň ýolbaşçysy Brýus Karnegi-Braun we ýerli ýaşaýjylar diňiň gurluşygyna garşy çykandan soň, «1 Undershaft» diýlip atlandyrylýan gökdiräniň gurluşygy yza süýşürildi. Olar täze binanyň möhüm jemgyýetçilik ýeri bolan Sent-Helens-skweriň meýdanynyň gerimini azaltjakdygyny bellediler.

Taslamanyň maýa goýujysy «Aroland Holdings» we «Stanhope» kompaniýalary taslamany özgerdip, diňiň



binýadynyň meýdanyny saklamak maksady bilen birinji gatyň ölçegini kiçeltdiler. «1 Undershaft» binasynyň gurluşyk işleri 2030-njy ýylda tamamlanyp, onuň beýikligi 309,6 metr bolar. Binanyň belentligi Temzanyň garşy kenarynda ýerleşýän we 2012-nji ýyldan bäri Beýik Britaniýanyň iň beýik gökdiräni bolup hyzmat edýän «The Shard» diňi bilen deňdir.

Diňiň taslamasynda 11-nji gatda ýaşyl zolak, syn ediş meýdançasy we çagalar üçin bilim merkezi göz öňünde tutulandyr. Bilim merkezi London Muzeýi bilen hyzmatdaşlykda gurlar. «Aroland Holdings» kompaniýasynyň esasy paýdary singapurly milliarder Kuok Khun Gong bolup, ol dünýäde iň uly palma plantasiýalaryndan biri bolan «Wilmar International» azyk önümçiligi boýunça toparyň ýerine ýetiriji müdiridir.

## Dünýäniň rahat ýurtlary

**Syýahatlara ýöriteleşen «Book-Retreats» portaly tebigatda has gowy rahatlanyp, şäheriň «gohundan» gaçyp dynç alyp boljak ýurtlaryň sanawyny düzdi. Bilermenler howpsuzlyk derejesi, goralýan ýerleriň sany, ilatyň gürlügi, galmagalyň we «yşyk hapalanmasynyň» derejesi, ýol hereketi, tokaýlaryň sany we sagaldyş çärelerine gatnaşmak mümkinçiligi ýaly dokuz ölçeg boýunça 76 ýurdy seljerdiler.**

**Birinji orny Awstraliýa eýeledi. Daşary ýurtlulary hem hasaba alanyňda, bu ýurduň her bir inedördül kilometrinde ortaça 3,4 adam bar. Deňeşdirmek üçin, Italiýada – 198, Wýetnamda – 308, Koreýa Respublikasynda – 511, Mawrikide – 626.**

**Bilermenler hasabatda Ýewropanyň şypahanalarynda çola we ümsüm ýerleriň ýeterlik däldigini bellediler. Sanawda 30-njy orunda barýan Italiýa syýahatçylaryň akymyna garşy durup bilmeýän bolsa, Awstraliýa 50 million az syýahatçy gelýär.**

**Kanada her bir inedördül kilometrindäki 3,9 adamy bilen ikinji orny eýeledi. Islandiýa, Finlýandiýa we Täze Zelandiýa ilatyň gürlügi boýunça her inedördül kilometre 20 adamdan pes düşýän ilkinji bäş ýurduň hataryna girdi. Şeýle hem tebigy çäkleriň meýdany möhüm görkeziji bolup durýar. Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Awstriýa we Botswana milli seýilgähleriň, batgalyk ýerleriň, deňiz sebitleriniň we tokaýlarynyň 30 göterimini gorap saklaýar. Gyzykly tarapy, Botswana we Namibiýa top-25-e girip, Gresiýa, Kosta-Rika, Fransiýa we Tailand ýaly öňden belli dynç alyş ýerlerinden öňde barýar.**

**«Iň rahatlandyryjy ýurtlaryň» top-20-si şeýle görnüşde: Awstraliýa, Kanada, Islandiýa, Finlýandiýa, Täze Zelandiýa, Awstriýa, Şwesiýa, Estoniýa, Norwegiýa, Portugaliýa, Botswana, Horwatiýa, Germaniýa, Çernogoriýa, Ýaponiýa, Ispaniýa, Bolgariýa, Litwa, Çehiýa, Malaýziýa.**



# TÄSIN SPORT GÖRNÜŞLERI

**Wagtyňy gyzykly hem-de peýdaly geçirmek üçin sport bilen meşgullanmaly. Sport dünýäsi köp ugurly we gyzykly oýunlara baý bolmak bilen bir hatarda, bedeniňi berkitmäge ýardam edýär. Bütindünýä sport ensiklopediýasynyň maglumatlaryna görä, dünýäde 8 müň töweregi sport görnüşi bar. Şeýle-de bolsa, sport görnüşleriniň 200-e golaýy halkara derejesinde ykrar edilip, hersiniň özüne mahsus tassyklanan düzgünleri bar. Soňky ýyllarda dünýäde iki ýa-da üç sport görnüşini garyp, täze bir görnüş ýasamak köçe oýunlarynyň däbine öwrüldi. Oýun düzgünleri has-da kynlaşdyrylan, gaýduwsyzlygy we çydamlylygy talap edýän bu sport görnüşleri adaty oýunlardan düýpgöter tapawutlanýar. Geliň, dünýädäki täsin sport görnüşleri bilen tanyş bolalyň!**

**KWIDDIÇ.** Sportuň bu görnüşi iňlis ýazyjysy Joan Rowlingiň «Garri Potter» atly hyýaly eseri esasynda ekranlaşdyrylan filmler toplumyndan ylham alnyp döredilipdir. Filmiň «Garri Potter we filosofyň daşy» (1997) bölüminde sübsä münüp uçup bilýän Garri Potter ganatly topjagazy kowalaýar. Howpludygyna garamazdan, bu hyýaly oýun «Garri Potter» filminde täsirli ýagdaýda tomaşaçylara ýetirilýär. Filmden ylham alnan kwiddiç oýnunda iki topar özara güýç synanyşyp, her tarapdan 7 oýunçy meýdança çykýar. 3 sany kowalaýjy, 2 sany sübseli gaçyjy, derwezeçi we hasap yzarlaýjy oýunçylaryň düzümi bolup,



her tarapda 3 sany halka şekilli derweze dikilýär. Oýnuň düzgünine görä, sübseli oýunçylar ýumurtga şekilli ullakan topy derweze girizmeli. Derwezeçi we kowalaýjylar bolsa, garşydaş toparyň gol salmagyna päsgelçilik berýärler. Oýunda utuk yzarlaýjylar gollary bellige alýarlar we haýsy topar 150 utuk toplasa ýeňiş gazanýar. Hüjümçi oýunçylar Garri Potter ýaly uçup bilmeýändikleri sebäpli, sübsä münüp meýdançada ylgaýarlar.

**BOSSABOL.** Braziliýada dörän we Belgiýada düzgüne salnan bossabol toparlaýyn sport görnüşidir. Oýnuň bu görnüşi woleýbol, futbol we gimnastikanyň birleşmeginden emele gelipdir. Bossabol woleýbol tory çekilen, çişirilen ýumşak şarly kortda oýnalýar.



Bossabol woleýbol ýaly başlanyp, oýunçylar çişirilen meýdançada tromplinde ýokary böküp, topy aýagy bilen tordan geçirýärler. Aýdym-sazly geçirilýän oýnuň bu görnüşi daşyndan göräýmäge şou çykyşyna meňzeýär. Häzirki wagtda bossabol dünýäniň köp ýurdunda meşhur köçe oýunlarynyň biri hasaplanýar.

**BATGA FUTBOLY.** Finlýandiýada dörän batga futboly adaty futbolyň düzgünlerine görä oýnalýar. Ýöne oýun otly meýdançada dälde, palçykly meýdançada geçýär. Batga futbolynda oýunçylar topy depmekde we ylgamakda kynçylyk çekýändiklerine garamazdan, oýun dartgynly ýagdaýda geçýär.



Fiziki çydamlylygy ýokarlandyrýan batga futboly gyzykly sport görnüşi hasaplanýar.

**REGBOL.** Basketbol, göreş we regbi oýunlarynyň utgaşmagyndan dörän sportuň bu görnüşinde oýunçylar halkadan top geçirmek üçin güýç synanyşýarlar. Oýnuň dowamynda gyzyl topy ýere urup, ylgap barýan oýunçylaryň özara göreş pursatlaryny hem synlap bolýar.



Regbolda hem edil regbi ýaly oýunçylar gol geçirtmezlik üçin biri-birini göreş tutup saklaýarlar. Bu oýun beden taýdan güýçli we çydamly türgenleriň arasynda geçirilýär.

**SUWASTY HOKKEÝI.** Suwuň astynda oýnalýan sportuň bu görnüşi adaty hokkeýiň haýran galdyryjy nusgasy hasaplanýar. Çäkli sport görnüşi bolan suwasty hokkeýinde iki topar howzuň düýbünde ýaryşýar. Oýunçylar



garşydaş toparyň derwezesinden şaýba geçirmek üçin aşak çümýärler we egrije demir bilen topy howzuň düýbünden itekläp gidýärler. Oýunçylaryň suwuň aşagynda skuba enjamy bilen demini sazlap bilmegi oýnuň esasy kynçylykly tarapy hasaplanýar. Bu oýun 1954-nji ýylda Angliýada oýlanyp tapylýar. Sportuň bu görnüşi köp ýurtda meşhur bolup, suwasty hokkeýi boýunça ilkinji dünýä çempionaty 1980-nji ýylda Kanadada geçirilýär.

**HOBIN (atly päsgelçilik).** Ýewropada irki ýyllarda dörän bu güýmenje Finlýandiýada iň köp oýnalýan oýunlaryň biri hasaplanýar. Çagalar kellesine agaç berkidilip ýasalan mahmaldan tikilen jylawly aty çapýan ýaly edip, ikibaka ylgadýarlar. Dürli päsgelçiliklerden geçip, kim pellehana çalt barsa şol hem oýnuň ýeňijisi bolýar.



Hobin gyzlaryň we çagalaryň arasynda iň köp oýnalýan oýun hasaplanýar. Oýna gatnaşýanlar «münüp barýan» atlaryna tohum atlaryň adyny dakyp, gyzykly we döredijilikli wagt geçirýärler.

**PEÝNIR KOWALAMAK.** Angliýanyň Glýuester şäheriniň golaýyndaky Kuper depesinde bank işgärleriniň dynç alşyna bagyşlanyp her ýyl peýnir kowalamak çäresi geçirilýär. Oýna gatnaşyjylar tegelek peýniri tutmak üçin 180 metr uzynlykdaky büdür-südür otly depeden aşaklygyna ylgaýarlar.



Peýniri kim saklasa, şol hem ýeňiş gazanýar. Häzirki wagtda gyzykly we gülküli wakalara baý peýnir kowalamak ýaryşyna dünýäniň dürli ýurtlaryndan türgenler gatnaşýarlar.

# MALTA – taryhy ýadygärlikleriň mekany







Ortaýer deňziniň kenaryndaky kiçijik ada döwleti bolan Malta çüýşe ýaly göm-gök suwlary, lagunalary we taryhy gözellikleri bilen syýahatçylary özüne çekýär. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Maltada gaýykly gezelençler gurap, paýtagt şäher Wallettanyň reňkli köçelerinde seýil edip, şäheriň taryhy ýadygärliklerini synlap bolýar.

Malta dünýäniň iň kiçi ýurtlarynyň biri bolup, Günorta Ýewropadaky adada, Ortaýer deňziniň kenarynda, Sisiliýanyň günortasynda ýerleşýär. 316 inedördül kilometr meýdany eýeleýän Malta 3 adany (Malta, Gozo we Komino) özünde jemleýär. Bularyň içinde Malta adasy iň meşhury bolup, tebigy gözelliklere we taryhy ýadygärliklere baýdyr. Gämiler adalaryň arasynda ulag üpjünçiligini ýerine ýetirýärler.

Maltada irki ýyllarda dürli halklar ýaşapdyr. Ýurduň çäginde 320 taryhy ýadygärlik, 7 megalitik ybadathana, dünýäniň iň gadymy ýadygärlikleri, Walletta şäherinde, Malta we Gozo adalarynda birnäçe taryhy muzeýler bar. Malta ýaly kiçijik ýurtda taryhy ýadygärlikleriň köp bolmagy taryhyň dowamynda bu ýurduň esasy merkezleriniň biri bolandygyndan habar berýär. ÝUNESKO-nyň baha bermegine görä, Malta dünýäniň iň gür taryhy ýeri hasaplanýar.

Asyrlarboýy Ýewropanyň medeni ojaklarynyň bir bölegi bolan Maltada fransuz, iňlis we afrika medeniýetiniň nusgalaryny görmek bolýar. Malta we iňlis dilleri ýurduň resmi dili bolup, 500 müňden gowrak ilat bilen düşünişmek örän aňsat. Sebäbi ýurduň ýaşaýjylarynyň ählisi diýen ýaly iňlisçe bilýär. Ýurtda ispan, italýan nahar bişirmek usullarynda dürli tagamlar taýýarlanylýar. Fransuz, iňlis aşhanasyndan gözbaş alýan tagamlaryň köpüsini bu ýerde dadyp bolýar. Aljotta (deňiz, gök önümli çorba), lampuki (buglanan balyk), bragioli (içi gök önümli düýrlenen et), pastizzi (içi huruşly köke) ýurduň meşhur tagamlary hasaplanýar.

Ýurda asuda kenarlarynda dynç almak we taryhy ýadygärliklerini synlamak üçin her ýyl 900 müňden gowrak syýahatçy barýar. Rifler, içinden suw akýan gowaklar bilen gurşalan depeler, mawy lagunalar, kiçijik aýlaglar ýurduň iň gözel ýerleri hasaplanýar. Malta «Gladiator», «Troýa» filmlerindäki sahnalary, asuda kenarlary, gadymy artefaktlary we syrly gowaklary bilen dünýäniň meşhur ýerleriniň biridir.

# Balygyň saglyga peýdasy

**Dünýädäki akar suwlarda, köllerdir ummanlarda balygyň 35 müň töweregi görnüşi ýaşaýar. Balyk adam saglygy üçin peýdaly iýmitleriň biridir. Bilermenler balygy ýygy-ýygydan iýmegiň immuniteti güýçlendirýändigini, bedeniň kesellere garşy göreşmäge ukybyny ýokarlandyrýandygyny belleýärler. Esasan hem, balygyň ýagy ýürek, göz we beýni üçin has wajypdyr. Soňky ýyllarda geçirilen barlaglarda balyk ýagynyň nerw ulgamyny köşeşdirýändigi ýüze çykaryldy. Ýagly balykdaky Omega-3 maddasy dartgynly ýagdaýlaryň öňüni alyp, adamyň özüni has rahat duýmagyny üpjün edýär. Balyk ýagyndaky EPA we DHA ýag kislotalary ýürek-damar ulgamynyň işini kadalaşdyrýar. Görşi gowulandyryp, beýniniň işjeňligini artdyrýar. Dowamly balyk iýýän adamlarda huşsuzlyk, ýadyň we görşüň peselmegi ýaly alamatlar seýrek ýagdaýda duş gelýär. Balyk ýagy göwrelilik döwründe çagalaryň ösüşi üçin hem möhüm elementleriň biridir.**

**Hoz, zygyr, kädi we käbir gök önümlere görä balykda saklanýan Omega-3 ýag kislotasy saglyk üçin zyýansyz hasaplanýar. Bilermenleriň bellemegine görä, suwuň düýbünde ýaşaýan balyklarda Omega-3 maddasy has dykyz saklanýar. Esasan hem, sardina, losos, tuna balyklary ýag kislotasyna örän baýdyr.**

## ÇAGALAR

**Piller begenip ýa-da gynanyp, hatda aglap hem bilýärler. Uzyn holtumly bu jandarlar 70 ýyla çenli ýaşaýarlar.**



# PIL SYÇANDAN GORKÝARMY?

**Ertekilerde ýa-da multfilmlerde piliň syçandan gorkýandygy suratlandyrylýar. Kötleriň aňyna ornaşan iň uly gury ýer jandarynyň kiçijik gemrijiden gorkýandygy baradaky garaýyş hakykata laýyk gelýärmi? Piller hakykatdanam syçandan gorkýarmyka?!**

**Pilleriň syçandan gorkýandygy baradaky garaýyş biziň eýýamymyzyň 77-nji ýylyndan gadymy Gresiýadan alyp gaýdýar. Grek ertekileriniň birinde syçan piliň holtumyna girip, ony tokaýyň içinde däliredip ylgadýar. Syçan piliň holtumyna sygmaýan bolsa, bu erteka köpler ynanmazdy. Emma syçan hakykatdanam piliň holtumyna sygýar. Şol sebäpli köpler muny hakykat diýip kabul edýärler. Siziň pikiriňizçe syçanyň piliň burnuna girmegi gorkuzmak üçin ýeterlikmi?**

1600-nji ýyllarda irlandiýaly lukman syçan piliň holtumyna girip, dem almagyny kynlaşdyrýar, bogýar diýen çaklamany öňe sürýär. Emma bu çaklama ylmy maglumatlara gabat gelmeýärdi. Ýyllaryň geçmegi bilen bu çaklamalaryň ýalňyşdygy subut edilse-de, köpler syçanyň pilleri gorkuzýandygyna ynanýarlar.

Aslynda, piller duýdansyz öňünden çykyp, burnuna ýapyşan islendik zatdan gorkýarlar. Syçan ýa-da beýleki süýrenijileriň islendigi otlap ýören piliň öňünden çyksa, pil gorkup gaçmak bilen bolýar. Syçan pilleriň burnuna girip gorkuzýar diýen garaýyş bolsa düýbünden ýalňyş hem-de ylmy taýdan esassyzdyr.

Bu garaýyş multfilm öndüriji kompaniýalaryň hünärmenleri tarapyndan çagalary gyzyklandyrmak üçin oýlanyp tapylýar. «Dambo» (uzyn gulakly piljagaz) multfiliminde hem şeýle wakalara duş gelmek bolýar. Multfilmde äpet jandarlar kiçijik gemrijiden gorkup gaçýarlar. Multfilm öndürijiler syçandan gorkýan pilleri suratlandyrmak bilen çagalara şatlyk paýlamaga, begendirmäge synanyşypdyrlar.

Geçirilen barlaglarda ýöräp barýan ýa-da otlap ýören pilleriň öňüne duýdansyz daş oklapdyrlar. Piller daşdan gorkmandyrlar. Soňra daşyň ornuna pilleriň ýanyna syçan goýberipdirler. Otuň içinden zygyrdap gelýän zadyň nämedigine düşünmän, ilkibada piller gorkupdyr. Emma syçandygyny görenlerinden soň, üns bermän ýoluny dowam edip gidiberipdir. Barlagyň netijelerine görä, pilleriň syçandan gorkmaýandygy, ertekilerde aýdylýan gürrüňleriň toslamadygy ýüze çykaryldy.

**GORKY DUÝGUSY**

Janly-jandarlaryň köpüsi öňünden birden duýdansyz çykan zatdan gorkýarlar. Bu duýgy gözüň birden görüp ýetişmezligi, beýniniň işi bilen baglanyşykly ýüze çykýar. Pil uludygyna garamazdan duýdansyz hereketlerden gorkýar. Hünärmenleriň bellemegine görä, piller duýguçyl, adamlar bilen özüni mylakatly alyp barýan jandar hasaplanýar.



# Kitaby okasaň täsirlimi ýa-da diňleseň?

**Köpler kitaby okap lezzet alýan hem bolsa, käbir adam eserleri diňlemegiň has täsirlidigini belleýär. Kitabyň adama täsirliligi şahsy islege we ýagdaýa baglylykda üýtgeýär. Kitaby okamak ýa-da diňlemek – bularyň ikisi hem gerekli maglumatlar bilen özüňi kanagatlandyrmaga ýardam berýär. Aslynda, iki usuly bilelikde ulanmak has peýdalydyr.**

**Ata-eneleriň köpüsi çagalaryň kitap okamaga bolan höwesini nädip ýokarlandyrmalydygy barada gyzyklanýarlar. Iň köp soralýan soraglaryň biri hem: kitaby okasaň täsirlimi ýa-da diňleseň? Geliň, bu iki usulyň artykmaçlygyna seredeliň!**

Soňky 5 ýylda elektron kitaplaryň, esasan hem, audio kitaplaryň (sesli kitap) sanynyň artýandygyna garamazdan, «hakyky» kitap öňki gadyrynda galýar. Kagyz kitabyň we audio kitabyň hersiniň öz aýratynlygy bolup, her haýsy dürli şertlerde hem-de dürli maksatlarda ulanylýar. Mysal üçin, sesli kitaby diňlänimizde ondaky jümlelere has dykgatly üns berýäris. Sözleri we tekstiň manysy aýratynlygyny seljerýäris. Şeýle hem audio kitapda käbir bölekleri gaýtalap-gaýtalap diňläp, manysyna has anyk düşünýäris. Audio kitapda sese goşulyp, bilelikde gaýtalamak has aňsat ýatlamaga ýardam edýär. Sesli kitabyň ýene bir artykmaçlygy ýanyňda kitap götermezden gezelenje gideniňde ýa-da köpçülik ýerine baranyňda hem diňläp bolýar.

Hatyň 6 müň ýyl ozal oýlanyp tapylandygy çaklanylýar. Kagyz kitaplar adamlara has ýakyn bolup, göz bilen akyly birleşdirýär. Kitaby gözüň bilen yzar-



lap okap barşyňa, akyl hem okan zatlaryňa seljerme berýär. Diňlemek okamakdan has aňsat. Emma kitaby okanyňda beden agzalary zähmet çekýär. Geçirilen barlaglarda okuwçylara berlen ýumuşlarda kitaby okanlaryň, audio kitap diňlänlerden ýokary baha alandygy ýüze çykaryldy. Munuň sebäbi nämede?

Kitaby okanyňda ilki bilen ünsüňi bir ýere jemleýärsiň. Kitaby eliň bilen tutup, sahypalary geçirýärsiň. Şeýle hem sözbaşy, giriş, düşündiriş ýaly bölümleri aýratyn okaýarsyň. Gerekli ýeriňi ýa-da düşünmedik ýeriňi bellik edip, gaýtadan okaýarsyň. Audio kitapda bu mümkinçilikler ýok. Sesli kitapda diňe ses diňleýärsiň we pikir yzarlaýarsyň. Şeýle hem audio kitapda bir sesiň gaýtalanyp durmagy soňabaka içgysgynç bolup başlaýar. Hünärmenler dil öwrenmek isleýänler üçin audio kitaplaryň has amatlydygyny belleýärler. Sebäbi täze öwrenýän diliňde haýsy söz nähili aýdylýandygyny, basymyň nirä düşýändigini diňlemek arkaly has gowy öwrenip bolýar. Emma çeper eserleriň hakyky kitapdan okalmagy maslahat berilýär.

Umuman, ösen döwrüň talaplaryna laýyklykda tehnologiýa enjamlaryndan we mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanmaly. Iki usulyň hem öz ýerinde uly kömegi bar. Esasy zat bolsa kitaby haýsy usulda okaýandygyňa garamazdan, içgin öwrenmek we özleşdirmekdir. Kitap adamyň iň ýakyn dosty bolup, gyzyklanýan sowallaryň jogabyny tapyp bolýar. Kiçilikden başlap yzygiderli kitap okaýan adamlar has akylly we giň dünýägaraýyşly bolýarlar. Şol sebäpli kitap okamagy endik ediň! Kitap siziň kämilleşmegiňiz we geljegiňiz üçin iň ygtybarly maglumat çeşmesidir.

**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**Syçanjyga arçanyň ýanyna barmaga kömek ediň!**



**Şekilli sudoku**

**Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.**



**10 tapawudy tapyň!**





**Gyzykly pursat**



## 1-nji SKANWORD



**Şagadam GARATAÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

Nal kakylanda ulanylýan çüý; Logikanyň kanunlaryna laýyk gelýän; Ion deňzindäki ada döwleti; Köp bolmadyk; Keseligine uzynlyk; Tämiz; Hökümdar, häkim; Gury iýmiş; Derman-...; Gyzdyryjy enjam; Pul (köne söz); Seresapsyz; Nepalyň paýtagty; Her kişi, her kim; Bir zadyň arka tarapy; Kiçijik inçe zynjyr; Gyş egin-eşigi; Bir örküçli düýe; Ders dökülen; Russiýada uly köl; Alyn dişler; Teňňeli ýasy balyk; Ýer bilen baglanyşykly; Tizlik ölçeýji enjam; Iňlis göçme manyly sözler; Goşulma; Syçrap gidýän owunjak ot bölejikleri; Gadymy tanslaryň biri; Geňeş; Nemeslerde zenana hormat sözi; Şiresi zäherli agaç; On esgeriň serkerdesi; Agajyň bir görnüşi; Güne iň ýakyn planeta; Gadymy däpleriň biri; Ýewropada bir şäher; Düýp, teý; Däneli ýazlyk ekin; Çuň bolmadyk aryk; Alym, ylymly; Gananyň paýtagty; Arabanyň bir görnüşi; Atlaryň saklanýan jaýy; Keýigiň bir görnüşi; Nepis; Iýmit siňdiriji organ; Şaýly tahýanyň gupbasyna oturdylýan per, jyga; Nigeriýaly futbolçy Wilýam ...; Tamyň ýokary üsti; Bir zady, wakany subut edýän hat; Aýra, daş; Keseki, daşary (köne söz); Gyz ady; Çäre, usul; Ýyl hasabynyň başlanan wagty; Dabanyň topukdan aşaky ýumşak bölegi; Niderland suratkeşi Winsent wan ...; Dişiň gaty dokumasy; Ýokardan pese; Eliň iç ýüzi

## 1-nji KROSSWORD

● **KESELIGINE:** **1.** Çekize. **4.** Gymyldy-hereketi, ýagdaýy aňladyp, zamanda, ýöňkemede we sanda üýtgeýän söz topary. **10.** Hoşboý ysly agaç. **11.** Dag goçy. **12.** Bogun-bogun guýrugy arkan jaýtarylyp duran, zäherli möjejik. **13.** Aýdym-saz žanry. **15.** «Eşitseň ýaman söz ýagşy dostuňdan,/Ýanar durar, ýüregiňde ... bolar» (Seýdi). **17.** Mähirli, mylaýym. **21.** Oglan ady. **22.** «... gaýrat bolsa, özge syn bolmaz» (nakyl). **23.** Biri-birine laýyk, deň. **27.** «Ilki öýüň ..., soň daşy» (nakyl). **29.** «Bir gören tanyş, ... gören garyndaş» (nakyl). **31.** Isleg, arzuw (köne söz). **32.** Küşt oýnunda ak mallar. **33.** Awtoulag ýaryşynyň bir görnüşi. **34.** Kysmat, ýazgyt, täleý. **35.** «Başynda karkara, zerrin .../Şasenem sypatly gyzlary bardyr» (Magtymguly Pyragy).

● **DIKLIGINE:** **2.** Bir zady ýolmak. **3.** Meksikanyň paýtagty. **5.** Sport enjamy. **6.** Gün batandan soňky howanyň ýüzi. **7.** Ýüz ýyl arasyndaky wagt, döwür. **8.** Saz guraly. **9.** «Ýer gaty bolsa, ... öküzden görer» (nakyl). **14.** Dogralan gyzgyn çöregi ýagda owup taýýarlanylýan iýmit. **16.** Suwda ýaşaýan ýasy çüňkli, boýny we aýagy gysga guş. **17.** Baglaýjy kömekçi. **18.** Kimdir biriniň ýa-da taryhy wakanyň özi hakynda, hatyrasyna. **19.** Keýpi kök, jany sag. **20.** Suw akdyrmak, goýbermek üçin çuň bolmadyk aryk, salma. **24.** Gulakhalka. **25.** «Ýykyljak ... kyrk gün öňünden jygyldar» (nakyl). **26.** Içki duýgyňy aňlatmak üçin ýüz, göz, el we ş.m. bilen edilýän üm. **27.** Il, halk. **28.** Geýim-gejimiň, ýorganyň we ş.m. iç ýüzünden tutulýan mata. **29.** Bir zat barada edilýän arzuw, küýseg. **30.** Düwme, sadap.

**Muhammetmyrat MUHAMMETGULYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

64-nji krosswordyň jogaby:

52-nji skanwordyň jogaby:

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**

Üç ölçegli surat

№ 1



Üç ölçegli suratyň jogaby.



№ 13

## 2-nji SKANWORD



**Orazdursun GULLYKOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

Oglan ady; «Gülgün» reňkiniň iňlisçesi; Açyk gök äpet ýyldyz ulgamy; Wenesuelada bir şaglawuk; Jepa, jebir; Göze dakylýan enjam; Okuw dersi; Türkmen eposy; Aşakda bolmadyk; Şwed awtoulag kompaniýasy; «... gulak bar» (durnukly söz düzümi); Daşary ýurt adam ady; Aziýada bir döwlet; Ýagdaý, alaç; Ümlük; Gadymy Rimiň beýik zenany; Kiçijik pyýada ýoly; Ýurdumyzda bir derýa; At idediji adam; Okuw dersi; Deňizde ägirt buz bölegi; «Ak ekine ýokardan, gök ekine ...» (nakyl); Ispan futbol topary; Suw guşy; Beýik bina; Uly gan damary; Üç aýry agza tarapyndan döredilen birlik; Hindi taňrysy; Ýarasy bar bolan; Rumyniýaly futbolçy Çiprian ...; Monah halady; Israp; Belgiýada bir derýa; Afrikadaky goraghana Masai-...; Zenan; Iýmit; Gadymy Rim taňrysy; Gadymy rus oýny; Peýniriň bir görnüşi; Şähdaçyk ýagdaý; Türk aýdymçysy ... Ortaç; Düýp, teý; Nota; Dört çaryýarlaryň biri; «At ... at çydar» (nakyl); Çagalaryň ilkinji kitaby

## 2-nji KROSSWORD

**Alijan NARBAÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# Türkmen pälwanlarynyň üstünligi

Agyr atletika boýunça Kataryň paýtagty Dohada geçirilen ýaşlaryň hem-de ýetginjekleriň arasyndaky Aziýa çempionatynda ildeşlerimiz şowly çykyş etdiler. Türkmen agyr atletikaçylary ýaryşda umumylykda 3 altyn, 2 kümüş medal gazanyp, çempionaty Wýetnam hem-de Özbegistanyň ýygyndylaryndan soň 3-nji orunda tamamladylar. Türkmen pälwanlary medallar kiçi görnüşde sanalanda, 9 kiçi altyn, 3 kiçi bürünç, 4 kiçi kümüş, jemi 16 kiçi medal gazandylar.



Oglanlaryň arasynda 102 kg agramda çykyş eden ildeşimiz Şahzadbek Mätýakubow birbada götermekde 177 kg, itekläp götermekde 219 kg, jemi 396 kg agramy galdyryp, münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Onuň itekläp götermekde hem-de umumy görkezijisi ýaşlaryň arasynda dünýä rekordyna deň boldy. Gyzlaryň arasynda 49 kg agramda çykyş eden Ogulşat Amanowa birbada götermekde 79, itekläp götermekde 97, jemi 176 kg bilen 2-nji orny eýeledi. Onuň bu görkezijileri ýetginjekleriň arasyndaky ýaryş üçinem hasaba alyndy. 64 kg agramda ildeşlerimiziň 2-si özara bäsleşip, olar münberiň 1-2-nji basgançaklaryny paýlaşdylar. Gülälek Kakamyradowa birbada götermekde 92 kg, itekläp götermekde 110 kg, jemi 202 kg bilen altyn, Medine Amanowa bolsa birbada götermekde 92 kg, itekläp götermekde-de 109 kg, jemi 201 kg bilen kümüş medala mynasyp boldy. 87 kg agramda ýaryşa gatnaşan Anamjan Rustamowa ähli görkezijilerde-de 1-nji ýeri eýeläp, altyn medallaryň 3-sini gazanmagy başardy. Ol birbada götermekde 103 kg, itekläp götermekde 135 kg, jemi 238 kg agramy galdyrdy.

Ýetginjekleriň arasynda 73 kg agramda çykyş eden Didarbek Jumabaýew (127 kg, 171 kg, 298 kg) hem-de 89 kg agramda çykyş eden Islam Akmyradow (133 kg, 163 kg, 296 kg) bürünç medal gazandylar. 102 kg agramda ýaryşa goşulan Süleýman Jafarow 150 kg hem-de 176 kg, jemi 326 kg agramy galdyryp, Aziýanyň wise-çempiony bolmagy başardy.

Şeýle-de, ýaşlaryň arasynda 67 kg agramda Babur Amangeldiýew birbada götermekde, 73 kg agramda Didarbek Jumabaýew itekläp götermekde, ýetginjekleriň arasynda 59 kg agramda Maýagözel Hurmenowa birbada götermekde kiçi bürünç medal gazandylar.

# 2025-nji ýylyň esasy sport ýaryşlary






Geçen 2024-nji ýyl tutuş dünýäde halkara sport çärelerine diýseň baý ýyl boldy. Jübüt ýyl bolmagy sebäpli Ýer şarynyň iň uly sport çäresi hasaplanýan tomusky Olimpiýa oýunlary, şol sanda futbolda iki öňdebaryjy yklymynyň – Ýewropanyň hem-de Amerikanyň çempionatlary geçirildi. Geçen ýylda täze ýyldyzlar peýda bolup, täze rekordlaryň ençemesi, şol sanda garaşylmadyk ýeňişler, garaşylmadyk ýeňlişler hasaba alyndy. 2025-nji ýylda-da edil geçen ýyldaky ýaly bolmasa-da, halkara sport çäreleriniň sany az bolmaz. Ýylyň iň esasy garaşylýan sport çäresi, tomusda ABŞ-da geçiriljek ilkinji gezek 32 klubuň gatnaşmagynda guraljak FIFA Klublar Dünýä Kubogy ýaryşy bolar. Şol bir wagtyň özünde ýene-de 10 günden başlanjak gyşky Uniwersiada, tomusky Uniwersiada, kenarýaka futboly boýunça Dünýä Kubogy, zenanlaryň arasynda futbol boýunça Ýewropa çempionaty, Demirgazyk Amerikanyň futbol çempionaty «KONKAKAF Altyn Kubogy», suw sportlary hem-de ýeňil atletika, woleýbol boýunça Dünýä çempionatlary ýylyň esasy uly gyzyklanma bildirilýän ýaryşlary bolar. Adatça her ýyl geçirilýän «Uly tuwalga» we «Masters» tennis ýaryşlary, «Super Bowl», «NBA All-Star», UEFA Çempionlar Ligasynyň finaly, MMA duşuşyklary, F1, Dünýä Ralli çempionaty, Moto GP, golfdaky uly ýaryşlar we beýleki sport bäsleşikleri ýylyň dowamynda sport muşdaklarynyň senenamasyny bezär. Ýylyň ahyrynda bolsa Marokkoda futbol boýunça Afrika Milletler Kubogy ýaryşy bat alar.

**3-17-nji ýanwar:** Dakar Rallisi (Saud Arabystany)
**12-26-njy ýanwar: «Awstraliýa Açyk» tennis ýaryşy (Melburn – Awstraliýa)**
**13-23-nji ýanwar: Gyşky Uniwersiada (Turin – Italiýa)**
**14-nji ýanwar – 2-nji fewral:** Erkekleriň arasynda gandbol boýunça Dünýä çempionaty (Horwatiýa, Daniýa, Norwegiýa)
**18-nji ýanwar: UFC 311 – Mahaçew –Saruhýan MMA duşuşygy (Kaliforniýa – ABŞ)**
**23-26-njy ýanwar:** Dünýä Ralli çempionaty boýunça möwsümiň 1-nji ýaryşy (Monte Karlo – Monako)
**28-nji ýanwar – 2-nji fewral:** Figuralaýyn typmak boýunça Ýewropa çempionaty (Estoniýa)
**6-23-nji fewral:** Futbol boýunça U23 – AFK Aziýa Kubogy (Hytaý)
**7-14-nji fewral:** Aziýa gyşky oýunlary (Harbin – Hytaý)
**9-njy fewral: «Super Bowl» LIX (Luiziana – ABŞ)**
**16-njy fewral:** NASKAR-yň täze möwsümdäki ilkinji ýaryşy – Daýtona 500 (Florida – ABŞ)
**16-njy fewral: «NBA All-Star» şüweleňi (San Fransisko – ABŞ)**
**6-9-njy mart:** Ýeňil atletika boýunça ýapyk desgada Ýewropa çempionaty (Apeldoom – Niderlandlar)
**15-23-nji mart:** Zenanlaryň arasynda körling boýunça Dünýä çempionaty (Ýydžonbu – Günorta Koreýa)
**21-23-nji mart:** Ýeňil atletika boýunça ýapyk desgada Dünýä çempionaty (Nankin – Hytaý)
**25-30-njy mart: Figuralaýyn typmak boýunça Dünýä çempionaty (Boston – ABŞ)**
**29-njy mart – 6-njy aprel:** Erkekleriň arasynda körling boýunça Dünýä çempionaty (Saskaçewan – Kanada)
**7-13-nji aprel:** «Masters Tournament» golf ýaryşy (ABŞ)
**7-13-nji aprel:** Göreş boýunça Ýewropa çempionaty (Bratislawa – Slowakiýa)
**9-20-nji aprel:** Zenanlaryň arasynda hokkeý boýunça 27-nji Dünýä çempionaty (Çeske-Budeýowise – Çehiýa)
**23-27-nji aprel:** Dzýudo boýunça Ýewropa çempionaty (Podgorisa – Garadag)
**1-11-nji maý:** Kenarýaka futboly boýunça FIFA Dünýä Kubogy (Seýşell adalary)
**7-18-nji maý:** Zenanlaryň arasynda futzal boýunça Aziýa Kubogy (Hytaý)
**9-25-nji maý: Erkekleriň arasynda hokkeý boýunça Dünýä çempionaty (Şwesiýa, Daniýa)**
**12-18-nji maý:** «PGA Championship» golf ýaryşy (ABŞ)
**25-nji maý – 7-nji iýul: «Fransiýa Açyk» tennis ýaryşy (Pariž – Fransiýa)**
**27-31-nji maý:** Ýeňil atletika boýunça Aziýa çempionaty (Günorta Koreýa)
**31-nji maý: UEFA Çempionlar Ligasynyň finaly (Münhen – Germaniýa)**
**12-15-nji iýun:** «U.S. Open» golf ýaryşy (ABŞ)
**14-nji iýun – 13-nji iýul: FIFA Klublar Dünýä Kubogy (ABŞ)**
**14-nji iýun – 6-njy iýul: Demirgazyk Amerikanyň çempionaty 18-nji «CONCACAF Gold Cup» (ABŞ)**
**18-29-njy iýun:** Zenanlaryň arasynda basketbol boýunça Ýewropa çempionaty (Çehiýa, Germaniýa, Gresiýa, Italiýa)
**23-29-njy iýun:** 3x3 basketboly boýunça FIBA Dünýä Kubogy
**30-njy iýun – 13-nji iýul: «Wimbledon» tennis ýaryşy (London – Beýik Britaniýa)**
**2-27-nji iýul:** Zenanlaryň arasynda futbol boýunça 17-nji Ýewropa çempionaty (Şweýsariýa)
**11-nji iýul – 3-nji awgust: Suw sportlary boýunça 22-nji Dünýä çempionaty (Singapur)**
**16-27-nji iýul: 32-nji tomusky Uniwersiada (Reýn-Rur – Germaniýa)**
**17-20-nji iýul:** «Open Championship» golf ýaryşy (Beýik Britaniýa)
**7-17-nji awgust:** 12-nji Bütindünýä oýunlary (Çendu – Hytaý)
**22-nji awgust – 7-nji sentýabr:** Zenanlaryň arasynda woleýbol boýunça Dünýä çempionaty (Tailand)
**22-nji awgust – 27-nji sentýabr:** Zenanlaryň arasynda regbi boýunça Dünýä Kubogy (Angliýa)
**25-nji awgust – 7-nji sentýabr: «Amerika Açyk» tennis ýaryşy (Nýu Ýork – ABŞ)**
**27-nji awgust – 14-nji sentýabr:** Erkekleriň arasynda basketbol boýunça Ýewropa çempionaty (Kipr, Polşa, Finlýandiýa, Latwiýa)
**5-12-nji sentýabr:** Ýaýdan ok atmak boýunça Dünýä çempionaty (Gwanžu – Günorta Koreýa)
**12-28-nji sentýabr: Erkekleriň arasynda woleýbol boýunça Dünýä çempionaty (Filippinler)**
**13-21-nji sentýabr: Ýeňil atletika boýunça Dünýä çempionaty (Tokio – Ýaponiýa)**
**13-21-nji sentýabr:** Göreş boýunça Dünýä çempionaty (Horwatiýa)
**27-nji sentýabr – 19-njy oktýabr:** U20 FIFA Dünýä Kubogy (Çili)
**5-nji oktýabr:** Çikago marafony (Çikago – ABŞ)
**8-11-nji oktýabr:** «Eisenhower Trophy» golf ýaryşy (Singapur)
**19-25-nji oktýabr:** Çeper gimnastika boýunça Dünýä çempionaty (Indoneziýa)
**2-nji noýabr:** Nýu Ýork marafony (Nýu Ýork – ABŞ)
**14-23-nji noýabr:** Kenarýaka woleýboly boýunça Dünýä çempionaty (Awstraliýa)
**21-nji noýabr – 7-nji dekabr:** Zenanlaryň arasynda futzal boýunça FIFA Dünýä Kubogy (Filippinler)
**27-nji noýabr – 14-nji dekabr:** Zenanlaryň arasynda gandbol boýunça Dünýä çempionaty (Germaniýa, Niderlandlar)
**30-njy noýabr – 18-nji dekabr:** FIFA Arap Kubogy (Katar)
**21-nji dekabr – 18-nji ýanwar, 2026-njy ýyl: Afrika Milletler Kubogy (Marokko)**



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*3-nji ýanwar (anna)*
**Ýuwentus – Milan (00:00)**
**Walensiýa – Real Madrid (01:00)**
Gimaraýnş – Sporting (01:15)
*4-nji ýanwar (şenbe)*
**Tottenham – Nýukasl (17:30)**
K. Palas – Çelsi (20:00)
**Man. Siti – West Ham (20:00)**
Galatasaraý – Göztepe (21:00)
**Fiorentina – Napoli (22:00)**
**Braýton – Arsenal (22:30)**
Benfika – Braga (23:00)
*5-nji ýanwar (ýekşenbe)*
**PSŽ – Monako (21:30)**
**Liwerpul – Man. Ýunaýted (21:30)**
**Roma – Lasio (00:45)**
Marsel – Le Hawr (00:45)
*6-njy ýanwar (duşenbe)*
**Italiýanyň Super Kubogy – final (00:00)**
Wulwerhempton – N. Forest (01:00)
*7-nji ýanwar (duşenbe)*
**Arsenal – Nýukasl (01:00)**
*8-nji ýanwar (çarşenbe)*
Atletik – Barselona (00:00)
**Tottenham – Liwerpul (01:00)**
*9-njy ýanwar (penşenbe)*
Real Madrid – Malýorka (00:00)

# «Globe Soccer Awards 2024» baýraklary gowşuryldy

Soňky ýyllarda abraýy artýan «Globe Soccer Awards» baýraklarynyň bu ýylky ýeňijileri belli boldy. BAE-niň Dubaý şäherinde geçirilen dabara futbolyň häzirki hem-de öňki meşhur ýyldyzlary, klublaryň ýolbaşçylary we beýleki adamlar gatnaşdylar.









15-nji gezek geçirilýän dabarada ýylyň iň gowy erkek futbolçysy diýlip, «Real Madridiň» braziliýaly ýyldyzy Winisius Junior saýlandy. Ýyldyz oýunçy ýylyň iň gowy hüjümçisi baýragyna-da laýyk görüldi. «Real Madrid» klubunyň tälimçisi Karlo Ançelotti ýylyň iň gowy tälimçisi baýragynyň eýesi boldy. Ispan klubunyň başga bir ýyldyzy Jud Bellingam hem dabaradan 2 baýrak bilen dolandy. Angliýaly oýunçy iň gowy ýarymgoragçy hem-de Maradona baýragy bilen sylaglandy. Iň gowy klub saýlanan «Real Madridiň» prezidenti Florentino Peres hem-de italiýaly meşhur ýyldyz, ozalky futbolçy Alessandro Del Piero başarnykly karýeralary üçin «Special Career Award» baýragyna laýyk görüldi.

Portugaliýaly super ýyldyz Kristiano Ronaldo bu gezegem goşa baýrak gazandy. 6 gezek ýylyň futbolçysy saýlanan 39 ýaşyndaky oýunçy Ýakyn Gündogaryň iň gowy futbolçysy hem-de ähli döwürleriň iň köp gol geçiren futbolçysy baýraklaryna mynasyp boldy. «Al Hilal» toparynyň portugaliýaly tälimçisi Žorže Žeşuş Ýakyn Gündogaryň iň gowy tälimçisi baýragy bilen sylaglandy. BAE-niň kluby, AFK Çempionlar Ligasynyň ýeňijisi «Al Ain» Ýakyn Gündogaryň iň gowy kluby diýlip saýlandy.

«Barselonanyň» ýaş ýyldyzy Lamin Ýamal bolsa iň gowy ýaş futbolçy baýragynyň eýesi boldy.

Zenanlaryň arasynda «Barselonanyň» ýyldyzy Aitana Bonmati soňky 2 ýylda gazanan baýraklarynyň hataryna ýene birini goşmagy başardy. Ol zenanlaryň arasynda iň gowy futbolçy diýlip ykrar edildi. Onuň çykyş edýän kluby «Barselona» bolsa ýylyň iň gowy topary hökmünde saýlandy.

Şeýle-de, «Olimpiakos» topary ýylyň ruhlandyryjy topary baýragynyň eýesi boldy. «Inter» toparynyň ýolbaşçylaryndan Piero Ausilio ýylyň sport direktory, portugaliýaly meşhur Žorže Mendeş 12-nji gezek ýylyň menejeri baýragyna laýyk görüldi. «Real Madridiň» belgiýaly derwezeçisi Tibo Kurtua, «Al Hilalyň» braziliýaly ýyldyzy Neýmar Junior hem-de angliýaly ozalky futbolçy Rio Ferdinand «Player Career Award» baýragy bilen sylaglandy.

# «Milanda» Fonsekanyň ornuna Konseýsau



Italiýanyň «Milan» kluby portugaliýaly tälimçisi Paulo Fonsekany wezipesinden boşatdy. Topar onuň ornuna başga bir portugal tälimçisi Seržiu Konseýsauny wezipä belledi. 50 ýaşyndaky hünärmen italýan kluby bilen 2027-nji ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy. Konseýsau mundan öň şu tomsa çenli «Porto» toparyna tälim berip gelýärdi. Ol bu klubda 7 ýyl tälimçilik edip, topara 3-si çempionlyk 11 kubok gazandyrypdy. «Olhanense» toparynda tälimçilige başlan Konseýsau «Akademika», «Braga», «Witoriýa de Gimaraýnş», «Nant» ýaly klublara-da tälim berdi. Konseýsau futbolçylyk ýyllarynda «Serie A»-da jemi 5,5 möwsüm çykyş edip, ol «Lasio», «Parma» hem-de «Inter» klublarynyň köýnekçesini geýipdi. Onuň «Milandaky» ilkinji synagy Italiýanyň Super Kubogy ýaryşynyň çäginde şu gije ogly Fransişku Konseýsaunyň çykyş edýän «Ýuwentus» toparynyň garşysyna bolar.

«Milanyň» ozalky tälimçisi 51 ýaşyndaky Fonseka 24 oýunda 12 gezek ýeňiş gazanyp, 6 duşuşykda ýeňlipdi. Myhmançylykda «Interi», şol sanda Çempionlar Ligasynyň çäginde «Real Madridi» ýeňmegi başaran Fonseka «Milana» tälimçilik eden ilkinji portugaliýaly hünärmendi.

### PREMIER LEAGUE (19) — 32 gol

**Lester—Man. Siti: 0–2** (Sawinio 21, Holann 74), **K. Palas—Southempton: 2–1** (Çaloba 31, Eze 52 — Dibling 15), **Ewerton—N. Forest: 0–2** (Wud 15, Gibbs-Waýt 61), **Fulham—Bornmut: 2–2** (Himenes 40, Wilson 72 — Ewanilson 51, Uattara 89), **Tottenham—Wulwerhempton: 2–2** (Bentankur 12, Jonson 45+3 — Hi Çan Hwan 7, Strand Larsen 87), **West Ham—Liwerpul: 0–5** (Diaz 30, Gakpo 40, Salah 44, Aleksander-Arnold 54, Žota 84), **Aston Willa—Braýton: 2–2** (Wotkins 36 p, Rojers 47 — Adingra 12, Lempti 81), **Ipswiç—Çelsi: 2–0** (Delap 12 p, Hatçinson 53), **M. Ýunaýted—Nýukasl: 0–2** (Isak 4, Žoelinton 19), **Brentford—Arsenal: 1–3** (Mbeuma 13 — Žesus 29, Merino 50, Martinelli 53)

### SERIE A (18) — 27 gol

**Empoli—Jenoa: 1–2** (Espozito 74 — Badel 46, Ekuban 68), **Parma—Monza: 2–1** (Ernani 56 p, Walenti 90+8 — Pedro Pereýra 85), **Kaliari—Inter: 0–3** (Bastoni 53, Martines 71, Çalhanoglu 78 p), **Lasio—Atalanta: 1–1** (Dele-Başiru 27 — Breşianini 88), **Udineze—Torino: 2–2** (Ture 41, Lukka 49 — Adams 53, Riççi 64), **Napoli—Wenesiýa: 1–0** (Raspadori 79), **Ýuwentus—Fiorentina: 2–2** (Kefren Turam 20, 48 — Ken 38, Sottil 87), **Milan—Roma: 1–1** (Reýnders 16 — Dibala 23), **Bolonýa—Werona: 2–3** (Dominges 20, 58 — Sarr 38, Tengstedt 45+2, Kastro 88 ö.d.)

### PRIMEIRA LIGA (16) — 26 gol

**Aroka—Žil Wisente: 1–1** (Ýalçyn 81 — Gbane 64), **AWS—Eştrela: 1–1** (Ru 52 — Kordeýro 8), **Eştoril—Moreýrense: 2–2** (Markes 22 p, Elder Koşta 45+3 — Gabrielzinio 2, Asue 57), **Porto—Boawişta: 4–0** (Omorodion 31, 88, Niko 55, Mora 59), **Farense—Witoriýa: 2–2** (Falkao 37, Neto 90+8 — Gustawo Silwa 49, Samu 90+1), **Rio Awe—Nasional: 2–1** (Kleýton 26, 71 p — Bruno Koşta 34), **Braga—Kasa Pia: 1–2** (Uazzini 45+2 — Segowiýa 40, Moreýra 70), **Sporting—Benfika: 1–0** (Katamu 29), **Famalikao—Santa Klara: 1–2** (Sorriso 58 — Silwa 32, Lima 51)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 18 | 14 | 3 | 1 | 45-17 | 45 |
| 2 | ARSENAL | 19 | 11 | 6 | 2 | 38-17 | 39 |
| 3 | N. FOREST | 19 | 11 | 4 | 4 | 26-19 | 37 |
| 4 | ÇELSI | 19 | 10 | 5 | 4 | 38-23 | 35 |
| 5 | NÝUKASL | 19 | 9 | 5 | 5 | 32-21 | 32 |
| 6 | MAN. SITI | 19 | 9 | 4 | 6 | 32-26 | 31 |
| 7 | BORNMUT | 19 | 8 | 6 | 5 | 29-23 | 30 |
| 8 | FULHAM | 19 | 7 | 8 | 4 | 28-25 | 29 |
| 9 | ASTON WILLA | 19 | 8 | 5 | 6 | 28-31 | 29 |
| 10 | BRAÝTON | 19 | 6 | 9 | 4 | 29-28 | 27 |
| 11 | TOTTENHAM | 19 | 7 | 3 | 9 | 41-28 | 24 |
| 12 | BRENTFORD | 19 | 7 | 3 | 9 | 33-35 | 24 |
| 13 | WEST HAM | 19 | 6 | 5 | 8 | 23-35 | 23 |
| 14 | M. ÝUNAÝTED | 19 | 6 | 4 | 9 | 21-26 | 22 |
| 15 | KRISTAL PALAS | 19 | 4 | 8 | 7 | 20-27 | 20 |
| 16 | EWERTON | 18 | 3 | 8 | 7 | 15-24 | 17 |
| 17 | W. HEMPTON | 19 | 4 | 4 | 11 | 31-42 | 16 |
| 18 | IPSWIÇ TAWN | 19 | 3 | 6 | 10 | 18-33 | 15 |
| 19 | LESTER SITI | 19 | 3 | 5 | 11 | 22-42 | 14 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 19 | 1 | 3 | 15 | 12-39 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 17 |
| 2 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 14 |
| 3 | Koul PALMER (Çelsi) | 12 |
| 4 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 12 |
| 5 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 11 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ATALANTA | 18 | 13 | 2 | 3 | 43-20 | 41 |
| 2 | NAPOLI | 18 | 13 | 2 | 3 | 27-12 | 41 |
| 3 | INTER | 17 | 12 | 4 | 1 | 45-15 | 40 |
| 4 | LASIO | 18 | 11 | 2 | 5 | 33-25 | 35 |
| 5 | FIORENTINA | 17 | 9 | 5 | 3 | 31-15 | 32 |
| 6 | ÝUWENTUS | 18 | 7 | 11 | 0 | 30-15 | 32 |
| 7 | BOLONÝA | 17 | 7 | 7 | 3 | 25-21 | 28 |
| 8 | MILAN | 17 | 7 | 6 | 4 | 26-17 | 27 |
| 9 | UDINEZE | 18 | 7 | 3 | 8 | 23-28 | 24 |
| 10 | ROMA | 18 | 5 | 5 | 8 | 24-24 | 20 |
| 11 | TORINO | 18 | 5 | 5 | 8 | 19-24 | 20 |
| 12 | JENOA | 18 | 4 | 7 | 7 | 16-27 | 19 |
| 13 | EMPOLI | 18 | 4 | 7 | 7 | 17-21 | 19 |
| 14 | PARMA | 18 | 4 | 6 | 8 | 25-34 | 18 |
| 15 | KOMO | 18 | 4 | 6 | 8 | 20-30 | 18 |
| 16 | WERONA | 18 | 6 | 0 | 12 | 24-42 | 18 |
| 17 | LEÇÇE | 18 | 4 | 4 | 10 | 11-31 | 16 |
| 18 | KALIARI | 18 | 3 | 5 | 10 | 16-31 | 14 |
| 19 | WENESIÝA | 18 | 3 | 4 | 11 | 17-31 | 13 |
| 20 | MONZA | 18 | 1 | 7 | 10 | 16-25 | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 12 |
| 2 | Markus TURAM (Inter) | 12 |
| 3 | Moýze KEN (Fiorentina) | 11 |
| 4 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 9 |
| 5 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 7 |

**PORTUGALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PL/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | SPORTING | 16 | 13 | 1 | 2 | 44-10 | 40 |
| 2 | PORTO | 16 | 13 | 1 | 2 | 40-9 | 40 |
| 3 | BENFIKA | 16 | 12 | 2 | 2 | 37-9 | 38 |
| 4 | SANTA KLARA | 16 | 10 | 0 | 6 | 18-16 | 30 |
| 5 | BRAGA | 16 | 8 | 4 | 4 | 28-18 | 28 |
| 6 | WITORIÝA | 16 | 6 | 6 | 4 | 22-18 | 24 |
| 7 | KASA PIA | 16 | 6 | 5 | 5 | 18-19 | 23 |
| 8 | MOREÝRENSE | 16 | 6 | 3 | 7 | 21-24 | 21 |
| 9 | FAMALIKAU | 16 | 4 | 7 | 5 | 19-19 | 19 |
| 10 | RIO AWE | 16 | 5 | 4 | 7 | 17-27 | 19 |
| 11 | ŽIL WISENTE | 16 | 4 | 6 | 6 | 18-25 | 18 |
| 12 | EŞTRALA | 16 | 4 | 4 | 8 | 14-25 | 16 |
| 13 | EŞTORIL | 16 | 3 | 6 | 7 | 14-26 | 15 |
| 14 | AWS | 16 | 2 | 8 | 6 | 12-23 | 14 |
| 15 | FARENSE | 16 | 3 | 4 | 9 | 11-23 | 13 |
| 16 | NASIONAL | 16 | 3 | 4 | 9 | 11-23 | 13 |
| 17 | BOAWIŞTA | 16 | 2 | 6 | 8 | 10-23 | 12 |
| 18 | AROKA | 16 | 3 | 3 | 10 | 10-27 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor GÝOKEREŞ (Sporting) | 18 |
| 2 | Samuel OMORODION (Porto) | 13 |
| 3 | KLEÝTON (Rio Awe) | 9 |
| 4 | Wenderson GALENO (Porto) | 8 |
| 5 | Winisius LOPES (Santa Klara) | 7 |

### «LIWERPULYŇ» ULY HASAPLY ÝEŇŞI

● Angliýanyň çempionatynda «Mançester Siti» myhmançylykda «Lester Sitini» Sawinio hem-de Holannyň gollary bilen



2–0 hasabynda ýeňip, ýeňlişsiz seriýasyny ahyry soňlandyrdy. Sanawyň lideri «Liwerpul» myhmançylykda «West Ham» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Gollary Diaz, Gakpo, Salah, Aleksander-Arnold hem-de Žota geçirdi. Täze ýylyň ilkinji duşuşygynda, London derbisinde «Arsenal» myhmançylykda «Brentfordy» olaryň Mbeumanyň goly esasynda öňe geçendigine garamazdan, 3–1 hasabynda utdy. Topçulara ýeňiş getiren gollary Žesus, Merino hem-de Martinelli öz atlaryna ýazdyrdylar. Mundan öňki tapgyrda öz meýdançasynda «Fulhamdan» asgyn gelen «Çelsi» myhmançylykda «Ipswiç Tawndan» 2–0 hasabynda ýeňildi. Yzly-yzyna 9 oýunlyk ýeňlişsiz statistikadan soň bassyr 2-nji gezek utulan «Çelsiniň» derwezesinden gollary Delap bilen Hatçinson geçirdi. Täze tälimçisi bilenem özüni dürsemekde kynçylyk çekýän «Mançester Ýunaýted» «Old Traffordda» «Nýukasl» toparyndan 2–0 hasabynda asgyn geldi. Yzly-yzyna 4-nji ýeňşini gazanan «Nýukaslyň» gollaryny Isak bilen Žoelinton geçirdi. Şol netije «Ewerton» bilen «Nottingam Forest» toparlarynyň arasyndaky oýunda-da hasaba alnyp, myhmanlar Wud hem-de Gibbs-Waýtyň gollary esasynda ýeňşini baýram etdi.

### 11-nji DEŇME-DEŇLIK

● Italiýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Atalanta» myh-



mançylykda «Lasio» bilen duşuşyp, 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Dele-Başirunyň 27-nji minutdaky goluna 88-nji minutda Breşianininiň goly bilen jogap berip, ýeňlişden halas bolan «Atalantanyň» 11 oýunlyk ýeňişli seriýasy tamamlandy. «Napoli» öz meýdançasynda «Wenesiýany» Raspadoriniň ýeke-täk goly bilen utdy. Çempion «Inter» myhmançylykda «Kaliariden» 3-0 hasabynda üstün çykdy. «Interiň» gollaryny Bastoni, Martines hem-de Çalhanoglu geçirdi. «Ýuwentus» öz meýdançasynda «Fiorentina» bilen duşuşyp, soňky minutlarda ýeňşi elden giderdi we 11-nji gezek deňme-deň oýnady. Öz meýdançasynda «Roma» bilen 1-1 hasabynda deňme-deň bolan «Milan» tälimçisini çalyşdy.

### «SPORTING» 1-nji ORNA GAÝDYP GELDI



● Portugaliýanyň çempionatynda tapgyryň merkezi duşuşygynda «Sporting» öz meýdançasynda «Benfikany» Katamunyň ýeke-täk goly bilen ýeňip, täzeden 1-nji orna gaýdyp geldi. «Boawiştanyň» derwezesinden jogapsyz 4 gol geçiren «Porto» topary «Sporting» bilen deň utukda bolup, 2-nji orunda barýar. Duşuşykda ispaniýaly hüjümçi Samu Omorodion 2 gol geçirdi.





# Toparlaryň täze tälimçileri

Noýabr aýynyň 11-inde Ruben Amorimi «Mançester Ýunaýtede» ugradan portugal kluby «Sporting» hem tälimçisini çalyşdy. Amorimiň ornuna bellenen Žoao Pereýra şowsuz netijelerden soň klubdan ugradylyp, ornuna «Witoriýa de Gimaraýnşyň» tälimçisi Rui Boržeş wezipä bellendi. 43 ýaşyndaky hünärmen bilen 2026-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşyldy.

* Türkiýeli meşhur tälimçi Fatih Terim Saud Arabystanynyň «Al Şabab» toparynyň tälimçiligine bellendi. 71 ýaşly tälimçi bilen häzirlikçe 6 aýlyk şertnama baglaşylyp, ol ýene bir ýyllygyna uzaldylyp bilner. Terim tälimçilik karýerasynda ençeme gezek «Galatasaraýa», Türkiýäniň milli ýygyndysyna, «Fiorentina», «Milana» hem-de «Panatinaikosa» tälimçilik edipdi.

* «Serie A»-da «Milandan» öň Lombardi sebitiniň başga bir kluby «Monza» hem tälimçisini çalyşdy. Umumylykda 20 oýunda 2 ýeňiş gazanyp, 10 duşuşykda-da utulan Alessandro Nesta klubdan ugradylyp, ornuna 38 ýaşyndaky Salwatore Bokketti tälimçilige bellendi. Bokketti soňky gezek «Werona» toparynda kömekçi tälimçi bolup işleýärdi. Onuň şertnamasynyň möhleti 2027-nji ýyla çenli bolar.

* Ispaniýada-da şowsuz netijelerden soň aşaky orunlarda barýan «Walensiýanyň» tälimçisi Ruben Barah wezipesinden boşadyldy. Onuň ornuna «West Bromwiç Albionyň» 41 ýaşyndaky tälimçisi Karlos Korberan ispan topary bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

## Hormatly raýatlar!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky, daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplaryň okuw we gündelik çykdajylary üçin «VISA» we «Master Card» bank kart hasaplaryna manat serişdelerini onlaýn görnüşde özbaşdak goýmaga we erkin daşary ýurt puluna öwürmäge mümkinçiligi döredýän «Onlaýn halkara töleg» hyzmatyndan peýdalanmaga çagyrýar.

Tölegi onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin raýatlarymyz bir gezeklik banka gelip, tölege degişli resminamalary getirenden soň, bank işgäri tarapyndan internet arkaly ähli sazlamalary ýerine ýetirilýär. Şeýlelik bilen, bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Internet-bank» bölümçesiniň üsti bilen hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilerler!

**Hormatly ildeşler!** «Onlaýn halkara töleg» ulgamy hyzmatyndan peýdalanmak üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da onuň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFON BELGILERIMIZ:**
(+993 12) **44-03-04,** (+993 12) **44-35-74.**
Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi **www.tnbk.tm** internet sahypasynda ýerleşdirilen.




# 2025-nji MILADY we 1446 – 1447-nji HIJRI-KAMARY ýyllarynyň senenamasy

| | ÝANWAR | | | | | REJEP – MERET | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 6 | 6 | 13 | 13 | 20 | 20 | 27 | 27 |
| Si | | | 7 | 7 | 14 | 14 | 21 | 21 | 28 | 28 |
| Ça | 1 | 1 | 8 | 8 | 15 | 15 | 22 | 22 | 29 | 29 |
| Pe | 2 | 2 | 9 | 9 | 16 | 16 | 23 | 23 | 30 | 30 |
| An | 3 | 3 | 10 | 10 | 17 | 17 | 24 | 24 | 31 | 1 |
| Şe | 4 | 4 | 11 | 11 | 18 | 18 | 25 | 25 | | |
| Ýe | 5 | 5 | 12 | 12 | 19 | 19 | 26 | 26 | | |

| | FEWRAL | | | | | MERET | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 3 | 4 | 10 | 11 | 17 | 18 | 24 | 25 |
| Si | | | 4 | 5 | 11 | 12 | 18 | 19 | 25 | 26 |
| Ça | | | 5 | 6 | 12 | 13 | 19 | 20 | 26 | 27 |
| Pe | | | 6 | 7 | 13 | 14 | 20 | 21 | 27 | 28 |
| An | | | 7 | 8 | 14 | 15 | 21 | 22 | 28 | 29 |
| Şe | 1 | 2 | 8 | 9 | 15 | 16 | 22 | 23 | | |
| Ýe | 2 | 3 | 9 | 10 | 16 | 17 | 23 | 24 | | |

| | MART | | | | | | ORAZA – BAÝRAM | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 3 | 3 | 10 | 10 | 17 | 17 | 24 | 24 | 31 | 2 |
| Si | | | 4 | 4 | 11 | 11 | 18 | 18 | 25 | 25 | | |
| Ça | | | 5 | 5 | 12 | 12 | 19 | 19 | 26 | 26 | | |
| Pe | | | 6 | 6 | 13 | 13 | 20 | 20 | 27 | 27 | | |
| An | | | 7 | 7 | 14 | 14 | 21 | 21 | 28 | 28 | | |
| Şe | 1 | 1 | 8 | 8 | 15 | 15 | 22 | 22 | 29 | 29 | | |
| Ýe | 2 | 2 | 9 | 9 | 16 | 16 | 23 | 23 | 30 | 1 | | |

| | APREL | | | | | BAÝRAM – BOŞ aý | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 7 | 9 | 14 | 16 | 21 | 23 | 28 | 30 |
| Si | 1 | 3 | 8 | 10 | 15 | 17 | 22 | 24 | 29 | 1 |
| Ça | 2 | 4 | 9 | 11 | 16 | 18 | 23 | 25 | 30 | 2 |
| Pe | 3 | 5 | 10 | 12 | 17 | 19 | 24 | 26 | | |
| An | 4 | 6 | 11 | 13 | 18 | 20 | 25 | 27 | | |
| Şe | 5 | 7 | 12 | 14 | 19 | 21 | 26 | 28 | | |
| Ýe | 6 | 8 | 13 | 15 | 20 | 22 | 27 | 29 | | |

| | MAÝ | | | | | BOŞ aý – GURBAN | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 5 | 7 | 12 | 14 | 19 | 21 | 26 | 28 |
| Si | | | 6 | 8 | 13 | 15 | 20 | 22 | 27 | 29 |
| Ça | | | 7 | 9 | 14 | 16 | 21 | 23 | 28 | 1 |
| Pe | 1 | 3 | 8 | 10 | 15 | 17 | 22 | 24 | 29 | 2 |
| An | 2 | 4 | 9 | 11 | 16 | 18 | 23 | 25 | 30 | 3 |
| Şe | 3 | 5 | 10 | 12 | 17 | 19 | 24 | 26 | 31 | 4 |
| Ýe | 4 | 6 | 11 | 13 | 18 | 20 | 25 | 27 | | |

| | IÝUN | | | | | | GURBAN – AŞYR | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 2 | 6 | 9 | 13 | 16 | 20 | 23 | 27 | 30 | 5 |
| Si | | | 3 | 7 | 10 | 14 | 17 | 21 | 24 | 28 | | |
| Ça | | | 4 | 8 | 11 | 15 | 18 | 22 | 25 | 29 | | |
| Pe | | | 5 | 9 | 12 | 16 | 19 | 23 | 26 | 1 | | |
| An | | | 6 | 10 | 13 | 17 | 20 | 24 | 27 | 2 | | |
| Şe | | | 7 | 11 | 14 | 18 | 21 | 25 | 28 | 3 | | |
| Ýe | 1 | 5 | 8 | 12 | 15 | 19 | 22 | 26 | 29 | 4 | | |

| | IÝUL | | | | | AŞYR – SAPAR | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 7 | 12 | 14 | 19 | 21 | 26 | 28 | 3 |
| Si | 1 | 6 | 8 | 13 | 15 | 20 | 22 | 27 | 29 | 4 |
| Ça | 2 | 7 | 9 | 14 | 16 | 21 | 23 | 28 | 30 | 5 |
| Pe | 3 | 8 | 10 | 15 | 17 | 22 | 24 | 29 | 31 | 6 |
| An | 4 | 9 | 11 | 16 | 18 | 23 | 25 | 30 | | |
| Şe | 5 | 10 | 12 | 17 | 19 | 24 | 26 | 1 | | |
| Ýe | 6 | 11 | 13 | 18 | 20 | 25 | 27 | 2 | | |

| | AWGUST | | | | | SAPAR – 4 TIRK.1 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 4 | 10 | 11 | 17 | 18 | 24 | 25 | 2 |
| Si | | | 5 | 11 | 12 | 18 | 19 | 25 | 26 | 3 |
| Ça | | | 6 | 12 | 13 | 19 | 20 | 26 | 27 | 4 |
| Pe | | | 7 | 13 | 14 | 20 | 21 | 27 | 28 | 5 |
| An | 1 | 7 | 8 | 14 | 15 | 21 | 22 | 28 | 29 | 6 |
| Şe | 2 | 8 | 9 | 15 | 16 | 22 | 23 | 29 | 30 | 7 |
| Ýe | 3 | 9 | 10 | 16 | 17 | 23 | 24 | 1 | 31 | 8 |

| | SENTÝABR | | | | | 4 TIRK.1 – 4 TIRK.2 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | 1 | 9 | 8 | 16 | 15 | 23 | 22 | 30 | 29 | 7 |
| Si | 2 | 10 | 9 | 17 | 16 | 24 | 23 | 1 | 30 | 8 |
| Ça | 3 | 11 | 10 | 18 | 17 | 25 | 24 | 2 | | |
| Pe | 4 | 12 | 11 | 19 | 18 | 26 | 25 | 3 | | |
| An | 5 | 13 | 12 | 20 | 19 | 27 | 26 | 4 | | |
| Şe | 6 | 14 | 13 | 21 | 20 | 28 | 27 | 5 | | |
| Ýe | 7 | 15 | 14 | 22 | 21 | 29 | 28 | 6 | | |

| | OKTÝABR | | | | | 4 TIRK.2 – 4 TIRK.3 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 6 | 14 | 13 | 21 | 20 | 28 | 27 | 5 |
| Si | | | 7 | 15 | 14 | 22 | 21 | 29 | 28 | 6 |
| Ça | 1 | 9 | 8 | 16 | 15 | 23 | 22 | 30 | 29 | 7 |
| Pe | 2 | 10 | 9 | 17 | 16 | 24 | 23 | 1 | 30 | 8 |
| An | 3 | 11 | 10 | 18 | 17 | 25 | 24 | 2 | 31 | 9 |
| Şe | 4 | 12 | 11 | 19 | 18 | 26 | 25 | 3 | | |
| Ýe | 5 | 13 | 12 | 20 | 19 | 27 | 26 | 4 | | |

| | NOÝABR | | | | | 4 TIRK.3 – 4 TIRK.4 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | | | 3 | 12 | 10 | 19 | 17 | 26 | 24 | 3 |
| Si | | | 4 | 13 | 11 | 20 | 18 | 27 | 25 | 4 |
| Ça | | | 5 | 14 | 12 | 21 | 19 | 28 | 26 | 5 |
| Pe | | | 6 | 15 | 13 | 22 | 20 | 29 | 27 | 6 |
| An | | | 7 | 16 | 14 | 23 | 21 | 30 | 28 | 7 |
| Şe | 1 | 10 | 8 | 17 | 15 | 24 | 22 | 1 | 29 | 8 |
| Ýe | 2 | 11 | 9 | 18 | 16 | 25 | 23 | 2 | 30 | 9 |

| | DEKABR | | | | | 4 TIRK.4 – REJEP | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Du | 1 | 10 | 8 | 17 | 15 | 24 | 22 | 2 | 29 | 9 |
| Si | 2 | 11 | 9 | 18 | 16 | 25 | 23 | 3 | 30 | 10 |
| Ça | 3 | 12 | 10 | 19 | 17 | 26 | 24 | 4 | 31 | 11 |
| Pe | 4 | 13 | 11 | 20 | 18 | 27 | 25 | 5 | | |
| An | 5 | 14 | 12 | 21 | 19 | 28 | 26 | 6 | | |
| Şe | 6 | 15 | 13 | 22 | 20 | 29 | 27 | 7 | | |
| Ýe | 7 | 16 | 14 | 23 | 21 | 1 | 28 | 8 | | |